TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

M.Akmyradow

# HÄZIRKI ZAMAN SYÝASY PROSESLER

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi

Aşgabat - 2010

**Muhammet Akmyradow.** Ýokary okuw mekdepleriniň syỳasaty öwreniş hünäriniń talyplary üçin okuw gollanmasy. - Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty, N.Suwhanowyń ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Muhammet Akmyradow.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# Giriş

Syýasy proses syýasat ylymynda merkezi oruny eýeleýär.“Filosofiýa” we “Syýasaty öwreniş”derslerinde olaryň üstünde giňişleýin durup geçilip, onuň aýratynlyklary we jemgyýetdäki orny bilen baglanyşykly meseleler derňelinýär. Bu okuw gollanmada biz häzirki zaman syýasy prosesler barada gürrüň açmaklygy maksat edinýäris. Diýmek, biziň şu okuw gollanmamyz täze Galkynyş eýýamynda jemgyýetiň syýasy gurluşynyň aýratynlygy we onuň täze döwürde ýurduň sosial-ykdysady we medeni-ruhy ösüşine täzir etmekligine dörän täze mümkinçilikler barada bolar. Şol mümkinçilikleri açyp görkezmeklik üçin ilki bilen jemgyýetiň syýasy gurluşy bilen baglanyşykly umumy meseleleriň üstünde durup geçeliň.

Her bir jemgyýetiň durmuşynda syýasat wajyp orun eýeleýär. Onuň orny has hem özgerýän, üýtgeýän jemgyýetde ýokarydyr. Syýasat jemgyýetiň ähli ugurlarynda ýüze çykýar. Mysal üçin, ykdysadyýet ilki bilen jemgyýetiň ykdysady düzümi, maddy önümçilik bilen baglydyr. Ýöne hut syýasatçylardan adamlar öz ýaşaýyş durmuşy bilen baglanyşykly meseleleriň çözgüdine garaşýarlar. Jemgyýetiň durmuşynda syýasy, medeni prosesler biri-biri bilen baglanyşykly. Jemgyýetiň syýasy keşbi köp derejede onuň medeniýeti bilen kesgitlenýär. Sosial toparlara we gatlaklara bölünende jemgyýetde ykdysadyýet hem, medeniýet hem syýasy häsiýete eýe bolýar. Onda syýasat jemgyýetde bar bolan syýasy gatnaşyklary we bu ýerde bolup geçýän syýasy hadysalary sazlaşdyrmaklyga gönükdürilýär.

Her bir jemgyýetiň syýasy gurluşy bu ýerde çözülýän meseleleriň aýratynlygy bilen bagly bolýar. Türkmen jemgyýetinde geçýän özgerişler ilki bilen ony döwrebaplaşdyrmaklyga gönükdirilýär. Döwrebaplaşýan jemgyýetde, onuň syýasy ulgamynyň täze hil derejä çykmaklygy özgerişleriň netijeli bolmagynyň wajyp şerti bolýar. Täze Galkynyş eýýamynda türkmen jemgyýetiniň ykdysady, medeni we beýleki gurşawlaryna syýasy täsiriň kesgitleýji orny bir näçe sebäpler bilen baglydyr. Birinjiden, birwagtda köpsanly meseleleri çözmekligi göz öňünde tutýan ýurdy

döwrebaplaşdyrmaklyk işi özgerişleri sazlaşdyrmak režimine hem-de reformalamak ideologiýasyny işläp düzmekligi talap edýär. Ikinjiden, döwrebaplaşmagyň käbir şertleriniň (medeni, hukuk) täzeden döremeli bolýandygynyň öwezini syýasy täsirler (döwlet, milli lider, elita) bilen ýetirmeli bolýar. Üçünjiden, döwrebaplaşýan jemgyýetiň häsiýetli tarapy özgermeklik, täzelenmeklik bilen baglydyr.

Özgerýän jemgyýetde durmuşy üýtgemeleriň tizligi, sosial edaralaryň hereketliligi ýokary bolýar. Bu ýagdaý toparlaryň, birleşmeleriň, gatlaklaryň, adamlaryň özara täsirini işewürleşdirýär. Şeýle şertlerde döwrebaplaşmaklygyň bütin döwamynda sosial ulgamy dinamiki deňagramlylykda saklamaklyk gerek bolýar. Şu hili ýagdaýy gazanmaklyk we sosial ulgamy deňagramlylykda saklamaklyk syýasatyň sazlaşdyryjy we gözükdiriji häsiýeti esasynda mümkin bolýar.

Häzirki türkmen jemgyýetinde syýasatyň şu hili täsirini anyklamaklyk üçin "syýasy proses" diýen düşünjäniň üstünde durup geçeliň. Soňky döwre çenli biziň jemgyýeti öwreniş ylymlarymyzda bu düşünjä iki manyda garalýar. Birinjiden ol "syýasat" düşünjesi bilen bir manyda aňladylyp, jemgyýetçilik durmuşynyň beýleki gurşawlaryna (mysal üçin, ykdysady ýa-da sosial) garşy goýulýar. Şonda syýasy gurşawyň özboluşlylygy hakyky maksatlara eýerýän häkimiýet düzüminiň işi bilen baglanylýar. Ýöne "Syýasy proses" we "syýasat" düşünjeleri bir meňzeş ulanmaklyk birinjiniň manysyny açmaklyga esas bolup bilmeýär.

Şu ýerde bar bolan kemçiligi aradan aýyrmaklyga "syýasy proses" diýen düşünjä berilýän ikinji many esas döretmelidir. Bu many syýasy durmuşda bolup geçýän hereketliligi, ondaky bolup geçýän üýtgemeleri aňladýar. Başgaça aýdylanda, bu ýagdaýda "syýasy proses" düşünjesiniň özboluşlylygy syýasatyň hereketli tarapyny, ýagny onuň adaty ýagdaýdan üýtgeýşini şöhlelendirmeklikde bolýar. Emma biziň garaýan düşünjämiz şu hili takyklanan ýagdaýynda hem ýene köp zady anyklamaly bolýar. Sebäbi syýasat adamlar bilen özara täsirden daşarda syýasat bolup bilmeýär. Ol bu ýerde syýasy edaralaň, tehnologiýalaň, hukugyň, medeniýetleň we başg. jemi bolup çykyş edýär.

Şu baglanşygy açyp görkezmeklik üçin günbatar syýasaty öwreniş ylymlarynda syýasy prosesleri derňemeklikde ulanylýan taglymatlaryň birine ýüzleneliň. Onda-da günbatar jegyýetleriniň medeniýetleriniň kysymdaş däldigi bilen şertlendirilen taglymata ýüzleneliň. Şonda syýasy medeniýetiň iki (demokratiki we tehnologik) görnüşi bilen kesgitlenen syýasy prosesiň iki hili düşündirilişi berilýär. Bu iki syýasy-medeni gözükmä syýasy prosesiň iki hili düşündirilişi: syýasy prosesleň gapdallaýyn gurnalyşy we ýokary-aşakly gurnalyşy häsiýetli bolýar. Syýasy prosese şu iki çemeleşmäniň hem şertlendirilendigi düşnükli bolsa gerek. Sebäbi durmuşda olaryň her biri beýlekisinden aýralykda arassa ýagdaýda duş gelmeýär diýen ýalydyr. Ýöne “syýasy proses” düşünjesine şu iki hili garaýşy tapawutlandyrmak gymmatlyklaryň demokratik we tehnologik ulgamlarynyň çäklerinde bolup geçýän syýasy özaratäsiriniň has häsiýetli taraplaryny aýralykda görkezmeklige mümkinçilik berýär. Bu hem biziň döwerebaplaşýan jemgyýetimizde syýasy prosesiň özboluşlygyny açmaklyga esas bolup biler.

Birinji garaýşa görä syýasy proses maksada okgunly we dünýä gymmatlyklaýyn garap rasional hereket edýän adamlaryň özara täsiri bolýar. Gapdallaýyn gurnalan syýasy proses oňa gatnaşýan adamlaryň formal deňliginden we belli bir derejede özbaşdaklygyndan ugur alýar. Olar hyzmatdaşlyga-da bäsdeşlige-de işiň düzgünine görä girýärler. Bu adamlar şol bir ahlak talaplara we hukuk kadalara  boýun bolýarlar. Olaryň hereketleriniň logikasy (hakyky maksatlary öňe sürmek, olaryň jemgyýetçilik ähmiýetini kesgitlemek, olary amal etmekligiň usullaryny gözlemek we esaslandyrmak) esasan erkinlik, hukuk, ylalaşyk gymmatlyklary bilen kesgitlenýär.

Özi hem gapdallaýyn gurnalan syýasy prosesiň nusgalyk görnüşi “medeni alyş-beriş” görnüşine eýe bolup, oňa gatnaşyjylar bir zady berip öz maksatlaryna ýetýärler, şonuň ýaly-da syýasy proses sosial ulgamyň wezipesi ýörüteleşdirilen bölekleriniň garaýyşlaryny “ylalaşdyryjy” häsiýete eýe bolýar.

Şu hili syýasy prosesiň nusgalyk görnüşiniň biri “tegelek stollardyr”. Bu ýerde syýasata gataşýan wekilleriniň arasynda köptaraply piker alyşylyp, olaryň netijesinde degişli syýasy edaralar tarapyndan kararlar kabul edilýär. Biziň ýurdumyzda şeýle syýasy prosesiň edaralaşan örän netijeli görnüşi bolup Türkmenistanyň ýaşulylar maslahaty çykyş edýär. Özi hem täze döwürde onuň jemgyýetdäki orny has ýokarlandy. Syýasy prosese birinji garaýyş, görşümiz ýaly, biziň jemgyýetimizde geçýän syýasy özgerişi häsiýetlendirmeklige kömek berýär. Biz syýasy prosesi derňemekligimizi dowam edeliň.

Ikinji garaýşa görä, syýasy proses rasional däl köpçüligiň bähbitleriniň, gereklilikleriniň we oý-pikirleriniň özakymlaýyn ýüze çykmasy bolýar. Döwlet häkimiýeti, gurnalan gymmatlyklar ulgamy we syýasy ylym olara belli bir derejede garşydaş çykyş edýärler. Döwlet bilen raýatlaryň özaragatnaşygynyň manysy hem dolandyrýanlaryň hem-de dolandyrylýanlaryň özlerini “dogry” alyp baryş düzgünlerini kesgitlemeklik bolýar. Dolandyryjylar jemgyýetdäki dürli toparlaryň bähbitlerini ylalaşdyrmany başarmaly. Dolandyrylýanlarda biri-biri bilen ylalaşmaga bolan isleg kanuna bolan hormat, boýun bolup bilmeklik we dolandyrylýan bolmaklyk bilen baglanyşykly gymmatlyklara çekmeklik esasynda kemala getirilip biliner. Ýokary-aşakly syýasy prosesde raýatlar häkimiýete hormat goýýarlar, häkimdarlar bolsa öz gezeginde jemgyýetiň agzalarynyň belli bir erkinligini kepillendirýärler. Häzirki döwürde türkmen ýurdunda şu hili ikitaraply gatnaşyk sylag-hormat derejesinde gün-günden aýdyň amal bolýar.

Türkmen döwleti syýasy özara täsiriň oýlanşykly we rasional häsiýete eýe bolmagyny gazanmaklyk üçin döwrebap syýasy medeniýeti ornaşdyrmaklyga çalyşýar. Bu medeniýetiň wajyp taraplary jogapkärlik, kanuna hormat, oýlanşyklylyk, rasionallyk bolýarlar. Täze Galkynyş eýýamynda raýatlaryň syýasy medeniýetini ýokarlandyrmaklyk üçin ýurtda ähli şertler bar. Ilki bilen hem ol täze Galkynyş eýýamynda türkmen jemgyýetinde syýasy ösüşiň gidişi bilen baglydyr.

Görşümiz ýaly, syýasat türkmen jemgyýetini özgertmeklige gönükdirilendir. Onuň beýleki gurşawlara edýän täsiri artýar. Häzirkizaman türkmen jemgyýetiniň esasy gymmatlygy adam we baş maksady adamyň abadançylygyny hem-de bagtyýarlygyny üpjün etmek bolýar. Bu jemgyýetiň baş ýörelgesi bolsa ynsanperwerlik, adalatlylyk we ruhubelentlikdir. Ýurdumyzda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady reformalar täze ideologiýamyzyň “Döwlet adam üçindir!” diýen ýörelgesiniň yzygiderli durmuşa geçirilýänligine şaýatlyk edýär. Bu ýörelde döwletiň demokratik derejesini hem häsiýetlendirýär. Ony biz öz tejribämizde aýdyň görýäris. Biziň jemgyýetimiziň ynsanperwer häsiýete eýe bolup demokratiýalaşmagyny syýasy-hukuk nukdaýnazaryndan düşündirip, döwlet gurluşyny häsiýetlendirmeklige çalşalyň.

Döwletiň we hukugyň nazaryýetinden belli bolşy yaly, döwlet jemgyýetiň sazlaşykly ýaşaýşy üçin döredilýär hem-de ony amal etmeklik üçin hereket edýär. Ol adamlary bir bütewi häkimiýetiň astynda birleşdirýär, jemgyýetdäki sosial toparlaryň we gatlaklaryň bähbitlerini deňagramlaşdyrýar we kanagatlandyrýar. Ýöne şol bir wagtda-da, döwlet jemgyýetde adamlaryň bähbitlerini goraýan ýeke-täk gurama hem däldir. Ondan başga-da adamlary (ilaty) olaryň bähbitleri we gyzyklanmalary boýunça birleşdirýän jemgyýetçilik birleşikleri, syýasy partiýalar, kärdeşler arkalaşyklary, zähmet kollektiwleri, döredijilik, ýaşlar, aýallar we beýleki jemgyýetçilik guramalary, täjirçilik birleşmeleri hem bar. Olar birleşip jemgyýetiň syýasy ulgamyny (sistemasyny) düzýärler.

Jemgyýetiň syýasy ulgamy diýlende, ýurduň syýasy durmuşyna we oňa dahylly jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşýan döwlet, partiýa we jemgyýetçilik edaralarynyň hem guramalarynyň jemine düşünilýär. Jemgyýetiň syýasy ulgamy anyk toplumlara birleşdirip bolýan, syýasy institutlar (edaralar), syýasy tejribe we syýasy aňyýet ýaly köp sanly düzüm böleklerinden ybaratdyr. Institut diỳlende, (institutum-dikeldilen, gurama diỳen latyn sözünden gelip çykýar), jemgyỳetiň ykdysady, syỳasy, hukuk we ahlak ỳaşaỳşynyň belli bir kadalaryny özünde jemleỳän, jemgyỳetçilik we sosial gatnaşyklaryň guramaçylykly toparlaryna düşünilỳär.

## I.Häzirki zaman syýasy prosesler.

Proses diýen düşünje tebigatda, jemgyýetde we aňda ýagdaýlaryň yzygiderli çalşyp durmagyny giňişliklerde we wagt çäklerinde üýtgemegidir hem ösmegidir, munuň özi sebäpleriň we netijeleriň özara baglanyşygydyr.

Adamyny gurşap alýan bütin dünýä, adamzat jemgyýetiniň taryhy, her bir aýry-aýry halkyň, galyberse-de, her bir şahsyýetiň durmuşy dürli derejeli, häsýetli, mazmunly, dürli ugurly, netijeli proseslerdir. Şu temada gürrüň syýasy prosesiň nämedigi, syýasy durmuşyň özgerişleriniň, hereketiniň prosesi hökmünde onuň düýp esasynyň we aýratynlyklarynyň nähilidigi, syýasaty işläp düzmek mehanizminiň düýp manysynyň nämeden ybaratdygy hakynda barar.

Syýasy proses sosial-taryhy prosesleriň aýratyn görnüşidir. Syýasatyň subýektleriniň jemlenen hereketleri, jemgyýetiň syýasy durmuşynyň özara baglanyşykly wakalaryny we hadysalaryny kesgitli yzygiderlilikde beýan edýän şol hereketler onuň mazmunyny düzýärler.

“Gysgaça syýasy sözlukde” syýasy proses diýen düşünjäniň aşakdaky kesgitlemesi berilýär: munuň özi sosial subýektleriň (indiwidleriň, toparlaryň, synplaryň syýasy sistemasynyň emele gelmegi, üýtgemegi, täzeden özgerdilmegi we işlemegi onuň üsti bilen bolup geçýär.

Şu kesgitlemeden syýasy ulgamyň üsti bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny nähili düzgünleşdirilýändikleri, häkimýeti we adamlaryň bilelikdäki durmuşyny syýasy taýdan dolandyrmagy nähili amala aşyrýandyklary, syýasy gatnaşyklaryň nähili üýtgeýändikleri we üýtgäp durýan sreda nähili uýgunlaşýandyklary görünýär.

Biziň jemgyýetimiziň ösüşinden ugur alyp, syýasy prosesi adamlaryň özüni alyp barşynyň we işiniň, döwlet dolandyryşynyň gurluşlarynyň, syýasy guramalaryň we partiýalaryň işiniň, jemgyýetçilik güýçleriniň syýasy göreşiniň ýa bolmasa hyzmatdaşlygyň, galyberse-de, halkara birleşmeleriniň işeňňirliginiň dürli-dürli ýüze çykyşlarynyň jemi görnüşinde göz öňüne getirmek bolar.

Syýasy proses jemgyýetiň syýasy ulgamynda bolup geçýän, şol sistemanyň sosial-ykdysady gurluşy bilen kesgitlenýän özgerişleri şöhelendirýär we kanun arkaly pugtalandyrýar. Bu proses nähili geçendigi ozalky SSSR-iň mysalynda seredip göreliň. 1918-nji ýylda birinji Sowet Konstitusiýasy rewolýusiýanyň barşynda işçiler synpynyň daýhanlar bilen soýuzdaşlykda gazanan häkimýetini pugtalandyrdy.

1924-nji ýylda SSR Soýuzyň sowet respublikalarynyň bitewi döwlete meýletin birleşmeklerini resmileşdiren Konstitusiýasy kabul edildi.

1936-njy ýylda ýurtda ekspluatatorçylyk synplaryň ýok edilendigi şöhlenendirilen täze Konstitusiýa kabul edildi. Öz wagtynda ol has demokratik Konstitusiýady, ýöne hakykat ýüzünde ol häkimýetiň antidemokratik, diktatorçylyk sistemasynyň üstüni örtmegiň ýuridik formasyna öwrüldi.

Galyberse-de, SSSR-iň 1977-nji ýyldaky iň soňky Konstitusiýa belli bir derejede partiýanyň XX gurultaýyndan soň ýurtda bolup geçen demokratik prosesleri şöhlelendirýärdi, graždanlaryň sosial-ykdysady hukuklaryny we syýasy azatlyklaryny ösdürýärdi hem giňeldýärdi.

Soňky ýyllaryň kanun döredijiligi, ylaýta-da ozalky soýuz respublikalarda jemgyýetçilik-syýasy durmuşy demokratizasiýalaşdyrmaga gönükdirildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda kabul edilmegi bu prosesi äşgär şöhlelendirdi, bu Konstitusiýanyň maksady milli gymmatlyklary hem bähbitleri goramakdan, türkmen halkynyň özygtyýarlylygyny pugtalandyrmakdan ybaratdyr. Ýurdumyzyň Garaşsyzlygy berkarar edildi. 2008-nji ýylyň sentýabr aýynda Kabul edilen Konstitutsiýamyzyň täze redaksiýasy Beýik Galkynyş we Özgertmeler eýýamynyň syýasy hukuk esaslary görkezildi.

Jemgyýetiň her bir görnüşinde syýasy sistemanyň gaýtadan döredilmegi we işlemegi, bir tarapdan bolsa, ilatyň belli bir gatlaklarynyň bähbitlerini ylalaşdyrmakda gazanylan çäreler esasynda jemgyýetiň kesgitli derejede birikdirilmegini, bitewiligini aňladýar. Ýöne bu bähbitleri aňlatmak we durmuşa geçirmek

çäreleriniň hemişe dürli-dürli bolýandygyny, bu ýa başga sosial güýçleriň ozaly bilen ykdysadyýetde, şonuň ýaly-da jemgyýetiň syýasy hem ruhy durmuşynda edýän täsiri hem-de oýnaýan roly bilen kesgitlenýändigini belläp geçmek gerek. Meselem, uzak ýyllaryň dowamynda biziň ýurdumyzda daýhanlaryň we intelligensiýanyň köpüsiniň bähbitleri kemsidilip gelindi, wedomstwolaryň we býürokratik apparatyň bähbitleri bolsa döwletiň umumy bähbitleri hökmünde görkezilýärdi.

Häzirki wagtda başga hilli syýasy ýagdaý emele gelýär. GDA-niň birentek döwletleriň saýlawly häkimiýet organlarynda diňe bir daýhanlaryň däl, eýsem işçiler synpynyňda wekillerine örän az orun berilipdir. Muňa derek naýbaşy intelligensiýanyň agdyklyk etmegine meýliň bardygy görünýär. Gizlin ykdysadyýeti ýöredijiler häkimýete sokulup girýärler. Demokratik esasda döredilen düzgünler partokratiýa garşy göreş bahanasy bilen agdaryp taşlamaga edilýän synanşyklar şu ýerden gelip çykýar.

Syýasy proses bilen bir sosial sredada, köp faktorlaryň we birinji nobatda bazisleýin (ykdysady), sosial synpy, şonuň ýaly-da ideologik, medeni, psihologik faktorlaryň täsiri astynda bolup geçär.

GDA-nyň köplenç ýurtlarynyň syýasy durmuşyny häsýetlendirýän häzirki syýasy prosesi alyp göreliň. Onuň faktorlary şulardan ybaratdyr: stalinizm şertlerinde syýasy gurluşygyň geçmiş taryhy tejribesi, ykdysady krizis, milli konfliktler, sosializmiň gymmatlyklarynyň krizisi.

Adalatly jemgyýetiň deregine “deň garyplygyň” gyradeň sistemasynyň tipi döredildi, onuň üstünden bolsa täze “sowet baýarlarynyň we ak pata alan adamlaryň artyk hukuklarynyň piramidasy ýokary galýardy. Şeýlelik bilen, biziň ýurdumyzda sosializmiň özi durmuşa geçirildi. Eýsem bu gün nämeler bolýar? Örän pes syýasy medeniýetli ilat giňden syýasatlaşdyrylýar, syýasy häkimiýet ysmaz ýagdaýynda, syýasy liderlere ynam peselýär, diniň täsiri artýar, galyberse-de, sosial teoriýanyň we marksistik ideologianyň täsiri pese gaçýär. Syýasy durmuşda irrasional – kanuna dogry gelmeýän pursadyň barha artmak mümkinçiligi şu ýerden gelip

çykýar. Şu esasda syýasy kadaralyk we adamlaryň pikirinden mekirlik bilen peýdalanjak bolmak barha artýar.

Bularyň hemmesi syýasy sistemanyň işlemek we kämilleşmek prosesine täsir edýär. Mysal üçin, ýa syýasy işe ukypsyz işgärleri ýa-da mundan-da beteri, halkyň bähbitlerine duşmançylyk garaýan, azgyn reaksion garaýyşlary propogandirleýän işgärleri kanun çykaryjy häkimiýet organlaryna halk deputatlary edip saýlamak faktorlaryny Sowetleriň roluna düşünmezlikden başga näme bilen düşündirmek bolar? Özygtyýarlylyga oba Sowetleriniň “özygtyýarlylygyny” jar etmeklige çenli baryp ýetýän sada düşünmeklige ýa-da dolandyryşyň prezidentlik formasyna ozalky awtonomiýalara ýa-da oblastlara degişli etmeklige näme diýersiň?

Syýasy prosesde häkimiýetiň dürli-dürli gurluşlarynyň hereketleriniň (merkez bilen häkimýetiň ýerli organlarynyň, wedomstwo ara organlary bilen wedomstwolaryň, döwlet uprawleniýeleri bilen zähmetkeşler kollektiwleriň arasynda hereketleriň ylalaşylman edilmeginiň öňünden aýdyp bolmajak netijelere getirip biljekdigini aýratyn nygtap görkezmek gerek. Özara hereketleriň şunuň ýaly durky bozulan şertlerinde syýasy meseleleriň çözgüdinde ýol bermezlik mehanizmi emele gelýär.

Sowet jemgyyetiniň syýasy sistemasynyň reformasyna başlanlarynda ýurduň we SSKP-niň ozalky ýolbaşçylarynyň soňky wagtlarda, ozaly bilen-de milletara gatnaşyklarynda ýüze çykan weýran ediji meýilleriň döremeginiň mümkindigini öňünden çak etmändikleri we göz öňünde tutmandyklary indi her bir adama düşnüklidir. Jemgyýetde bişişen birentek düýpli sosial-syýasy gapma-garşylyklar açylyp görkezilmändi we analizlenmändi.

Syýasy prosesi halkyň bähbitlerine laýyk gelýän ugra gönükdirmek oýlanyşykly, obýektiw taýdan esaslandyrylan syýasatyň bar mahalyndaky şertlerde mümkindir. Gürrüň syýasy çözgütleri işläp düzmek we kabul etmek hakynda barýar. Syýasy çözgüt sosial toparlaryň ýa-da tutuş jemgyýetiň, döwletiň umumy bähbidine kanagatlandyrmaga gönükdirilen syýasy hereketleriň mümkin bolan taslamalaryndan birini seçip almakdyr.

Syýasy çözgüdiň häsýetli aýratynlygy jemgyýetiň resurslaryny mobilizlemek we bir ýere jemlemek, olary häkimýetiň dürli subýektleriniň arasynda gaýtadan paýlamak bilen baglanyşyklydyr. Galyberse-de, syýasy çözgüt işlenip taýýarlanan mahalynda wagt faktorynyň, şonuň ýaly-da häkimiýet subýektleriniň derejeleriniň aýratynlygyny göz öňünde tutmagyň ägirt möhüm ähmiýeti bardyr.

Öz wagtynda kabul edilen kararlar üstünluguň girewidir. Syýasatda yza galmaklyk-da, howlukmaç (çykarylan kararlar) edilen hereketler-de birmeňzeş derejede howplydyr. Syýasy çözgütleri işläp taýýarlamak we kabul etmek logikasy aşakdaky etaplardan düzýär:

- problemany we esaslandyrmak;
- dörän problemany wezipeleri we maksatlary formulirlemek;
- öňde goýlan maksatlary amala aşyrmak üçin syýasy hereketiň ýollaryny we serişdelerini seçip almak;
- syýasy hereketiň özüni gurmak.

Syýasy ösüşiň taryhy tejribesi syýasy çözgütleri kabul etmegiň demokratik metodlarynyň maksada laýyklygyny görkezýär. Ýöne welin, demokratizasiýalaşdyrmak prosesiniň öz çylşyrymly we gapma-garşylykly ýagdaýlarynyň bardygyny nazarda tutmak gerek.

Demokratiýany idealizirlemek bolmaz, onuň syýasy çözgütleri kabul etmekde “duzaklary” bar. Gitleriň 1933-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda doly demokratik ýol bilen häkimiýet başyna gelendigi mälimdir. Totalitarizm demokratiýa esasynda ornaşdy. Bu fakt demokratiýanyň içinde (Popper aýmyşlaýyn) totalitar predposylkalarynyň – deslapky şertleriniň bardygyny görkezýär. Başgaça aýdanymyzda: totalitar duzaklar.

Demokratiýanyň ýa-da azatlygyň paradoky-geň taraplary – Platon zamanyndan bäri belli düşünjedir. Adam erkindir, şuňa görä-de ol zalym hökümdaryň agalygy ugrunda söweşip, kanunlara, teý ahyry bolsa azatlygyň özüne-de närazylyk bildirip biler. Platonyň aýdanyny başgça gaýtalap, şeýle diýip bileris: köplügiň erk-islegi boýunça ýalňyş karar kabul edilip bilner. köp gezweler şeýle hem bolupdy.

Kararlary kabul etmek demokratizmi populuzm bilen, programmalaryň daşyndan göräýmäge özüne çekijiligine,

problemalary çözmegiň göräýmäge ýeňilligine, üstünligi çalt we kynçylyksyz gazanyp boljakdygyna we ş.-lere nazarlanmak bilen ýanaşyk durýar.

Syýasy çözgüdiň umulaşdyrylan tipi syýasy ýoly (strategiýany) işläp düzmekdir: anyk – taryhy ýagdaýy analizlemekdir: syýasatyň maksatlarynyň, wezipeleriniň sistemasyny, olary durmuşa geçirmegi esaslandyrmakdyr.

Syýasy çözgüdiň logikasynda esasy halkyny – ahyrky netijäni gazanmak zerur, mümkin bolan birentek maksatlaryň içinden ileri tutulmaly maksady saýlap almak möhüm rol oýnaýar. Şu mynasybetli W.I. Lenin şeýle ýazypdy: "Syýasy wakalar hemişe örän bulaşyk we çylşyrymlydyr. Olary zynjyr bilen deňeşdirmek bolar. Zynjyry elde saklamak üçin esasy halkdan ýapyşmak gerek"

Syýasatyň her bir problemasynyň aňyrsynda syýasy prosesiň obýektiw we subýektiw faktorlarynyň arasyndaky anyk gapma-garşylyklary analiz etmän, problemany ýüze çykarmak-da, ony çözmegiň ýollaryny kesgitlemek-de akyly sygjakzat däldir.

Syýasy gatnaşyklaryň we düzgünleriň sistemasynyň ösüşi iki formada: reforma geçirmek we rewolýusiýa formalarynda amala aşyrylýar.

Birinji forma – (reforma) syýasy gatnaşyklarynyň şu tipiniň esaslarynyň çäklerinde amala aşyrylýar we häkimýetiň hut şol bir tipiň syýasy düzgünleriniň elementleriniň hem wezipeleriniň üýtgedilip gurulmagyny aňladýar. Ikinji forma – (rewolýusiýa) esaslarynyň özüni, häkimyetiň şu syýasy sistemasynyň tipini ýatyrmak hem-de sistemanyň täze tipini döretmek wezipesini çözýär.

Reformalaryň hakimýet ugrundaky düýpli syýasy we ideologik göreş bilen, krizisli ýagdaýlaryň döremegi bilen baglanyşyklydygyny belläp geçmek gerek. Ol ýagdaýlar rewolýusiýadan we kontrrewolýusiýadan daşyna germew aýlanyp üzňeleşdirilmän, gaýtam rewolýusiýa-da, kontrrewolýusiýa-da geçip bilerler. Meselem, Gündogar Ýewropa ýurtlarynda reformalar syýasy özgerişlere ösüp geçip, kapitalistik gatnaşyklaryň restawrirlenmeginiň – gaýtadan dikeldilmeginiň başyny başladylar.

Ozalky SSSR-iň döwletlerinde-de sosializmiň azyp, kapitalizme öwrülmek meýli göze ilip başlady. Birnäçe ýyl mundan öň jar edilip başlady. Birnäçe mundan öň jar edilişi ýaly, sosializmiň täzelenmeginiň deregine hemme ýerde onuň esaslary sökülýär.

SSKP-niň häkimýet başyndan aýrylmagy, soňra bolsa 1991-nji ýylda Moskwada bolan awgust wakalaryndan soň onuň gadagan edilmegi, antidemokratik, milletçilik düzgünleriniň ornaşmagyna getirdi. Häkimýete zordan ýeten millitçi güýçleriň jar eden: “Latwiýa – latyşlar üçindir”, “Gruziýa – gruzinle üçindir”, “Litwa – litwalylar üçindir” tipli şygarlar peýda boldy.

Reformalara konserwatiw – býurokratik güýçler garşylyk görkezýärler. Reformanyň düýpgöter üýtgemegi buržuaz-liberal, ownuk buržuaz, milletçi toparlardandyr, gizlin ykdysadyýeti ýöredijilerdendir. Munuň özi rewolýusion ýagdaýyň emele gelmegine alyp barýar. Mysal üçin, Russiýadaky ýagdaý. Birinjiden, bu ýerde hakykat ýüzünde şeýle ýagdaý döreýär: aşaky gatlaklar köneçe, ýagny býurokratik jemgyyetiň şertlerinde ýaşamak islemeýärler. Bu ýagdaýy häkimýet başyna gelen belli bir toparlar peýdalanyp, hususy eýeçiligiň döwlet eýeçiliginiň üstünden agdyklyk etmegini jemgyýetiň boýnuna dakýarlar, şeýlelik-de onlarça million adamy gedaýlyk we ähliumumy nägilelik derejesine ýetirýärler, bularyň hemmesini sosializmiň üstüne atyp, şunda SSKP-ni günälendirýärler. “Adam üçin “izmleriň” tapawudy ýokdur, onuň diňe garny dok bolsa bolýar” diýen, köpçülikleýin doredilýän köne ülňi emele gelýär.

Ikinjiden, häkimýetiň hereketsizlik ýagdaýy döredi, ýagny ýokarky gatlaklar dolandyryp “bilmeýärler”. Käbirleri parahorlykda bulaşyp galdy, beýlekileri bolsa zordan häkimiýete ýetseler-de, işde bilimsiz bolup çykdylar. Demokratizasiýalaşdyrmak deregine bitewi döwlet häkimýetini dargatmak prosesi başlandy, Russiýany özygtyýarlyklar parady gark etdi. Iň dürli-dürli derejelerde prezidentlik häkimýetiniň girizilmegi ýerlerde Sowetler häkimiýeti bilen tutuşmaýar, totalitarizme alyp barýar. Üçünjiden, pes syýasy medeniýetiniň bolmagynda köpçülik çakdan aşa syýasatlaşdyrylýar. Garşylyk bildirmek hereketlerinde intelligensiýanyň naýbaşy gatlaklarynyň we lýumpen elementleriniň işeňňir goşulandyklary

häsýetli ýagdaýdyr. Syýasy hereketler milletçilik hereketleri bilen çyrmaşdy.

Şeýlelik bilen köpçülik gatnaşmasa, syýasy prosesiň mümkin däldigini syýasy reformasynyň geçirilmegi görkezýär. Halk syýasy häkimýetiň gözbaşydyr we ony ýöredijidir. Onuň hereketleri bolmasa, syýasy proses progressiw bolup bilmez.

Öz nobatynda, ýokary görkezilen üýtgetmeleriň amala aşyrylmagy graždanlyk jogapkärçiliginiň, köpçiligiň syýasy medeniýetiniň derejesiniň ýokarlandyrylmagyny talap edýär, demokratizmiň çäklerini giňeldýär.

## II.Häzirki zaman syýasatyň subýekti we obýekti.

Syýasatda subýekti we obýekti kesgitlemek düýpli suratda syýasatyň we syýasy häkimýetiň düýp esasyna hem roluna düşünilişine baglydyr. Mälim bolşy ýaly, bu meseleler boýunça köp-köp nukdaýnazarlar bar, munuň özi-de tötänden däldir, çünki häzirki zaman syýasat şeýle bir çylşyrymly hem-de kesgitlemede ýeterli doly şöhlelendirmek başartmaýar.

Biz syýasatyň subýekti we obýeti diýen düşünjä nähili many berýäris?

Subýekt (s u b j e k t u m diýen latyn sözünden) syýasatda eýäni görkezýär – munuň özi daşarky dünýä (obýekt) akyl ýetirýän we özüniň praktiki işinde oňa täsir edýän adamdyr. Syýasat ylmynda obýekt subýektiň akyl ýetirijilik we beýleki işiniň gönükdirilen zadydyr.

Obýekt adamlaryň sosial umumylyklarynyň iş sferasyna goşulan zatdyr. Munuň özi subýektiň bähbitleriniň çygrynda adamyň işine goşulýan hadysalar gabat gelýärler diýildigidir. Obýekt subýektiň işiniň predposylkasydyr we şertidir, şuňa görä, ol subýektiň işiniň giňişliginiň hem metodlaryny çäklendirýär. Şu ýerden subýekt bilen obýektiň, olaryň jemgyýetçilik durmuşynda has mese-mälim ýüze çykýan birliginiň hem-de özüne çekijiliginiň özara şertlenişiklidigi äşgär görünýär.

Eger syýasatyň subýektlerini bellemek üçin syýasaty jemgyýetiň ýaşaýyş işiniň sferalarynyň biri hökmünde kesgitlejek bolup synanyşsak, onda munuň häkimýet baradaky gatnaşyklaryň sferasydygyny nygtap görkezmek gerek, häkimýetde bolsa iňňän möhüm jemgyýetçilik problemalarynyň hemmesi bir ýere jemlenýär, ol ýerde jemgyýetiň esasy maksatlary we wezipeleri kesgitlenýär, bu ýa başga synplaryň, toparlaryň we gatlaklaryň, milletleriň we halkyýetleriň, bähbitlerine laýyklykda jemgyýetiň ýaşaýyş işiniň programmalary işlenip düzülýär, ol ýerde öňe goýlan maksatlara ýetmek üçin jemgyýetiň tagallalary mobilizlenýär.

Başga sözler bilen aýdanymyzda, syýasat jemgyýetçilik paýhasynyň we erk-isleginiň jemlenýän iňňän möhüm sferalarynyň biri bolup, jemgyýetçilik organizmini "dolandyrmagyň hyjuwlary"

hakykatdan-da şol sferadan ýaýraýardy. Şularyň hemmesi syýasatyň jemgyýetiň bütin durmuşyna täsir etmegiň has işeňňir faktorydygyna şaýatlyk edýär.

Syýasatyň subýekti syýasatda bir wagtyň özünde onuň obýekti hem bolup öňe çykýar. Adam syýasatyň subýekti hem obýektidir, käte ol syýasatyň serişdesine hem öwrülýär. Birentek jemgyýetçilik we syýasy problemalaryň gözbaşy şundan ybaratdyr.

Dolandyryjy synp, gatlak hut öz bähbitlerini durmuşa geçirmek, goramak maksady bilen häkimýet arkaly beýleki synplara, gatlaklara täsir edýär. Şol bir wagtyň özünde dolandyryjy synplar, toparlar, adamlar özleriniň syýasy häkimýetini mundan beýläkde pugtalandyrmagyň aladasyny edýärler, çünki beýleki synplar, toparlar, adamlar ony ele almaga dyrjaşýarlar. Şonuň üçin hakimiýet organlarynyň we dolandyryşynyň sistemasyny, graždanlaryň hukuklaryny hem azatlyklaryny kesgitläp, Türkmenistanyň Konstitusiýasy halkyň bähbitlerini goramak maksady bilen konstitusion gurluşy zorluk arkaly üýtgemegi maksat edinýän syýasy guramalaryň we jemgyýetçilik birleşmeleriniň döredilmegine gadagan edýär.

Şahsyýet syýasatyň iňňän möhüm subýekti bolup oňe çykýar. Sosializmiň formasynyň üýtgedilmegi şertlerinde adam hakykat ýüzünde marksizmiň şahsyýet hakyndaky esas goýujy prinsipini ýitirdi we oňa jemgyýetçilik ösüşiniň maksady hökmünde däl-de, serişdesi hökmünde garalýardy. Ol partiýa – döwlet maşynyň “nurbatjygyna” öwrüldi.

Siwilizlenen jemgyýetiň sosial-ykdysady we syýasy tebigaty zähmet adamsyny syýasy işiň merkezi subýektine hakyky suratda öwürmegi göz öňünde tutýar. Eger aýry-aýry adam özüni jemgyýetçilik durmuşynyň merkezi şekili diýip duýmaýan bolsa, zähmetkeşler kollektiwleri, toparlary, gatlaklary hakynda, has hem beteri synplar hakynda syýasatyň doly bahaly subýektleri hökmünde (obýektleri hökmünde-de) gürrüň etmek bolmaz. Şu nukdaýnazardan biziň umytlarymyz jemgyýetçilik ösüşiniň maksady hökmünde adamyň ýagdaýynyň üýtgemegi bilen baglanyşykly jemgyýetiň

hakykatdan-da täzelenmegindedir, onuň ynsanperwerleşmeginde we demokratizasiýalaşmagyndadyr.

Adam biososial mahlukdyr, ol diňe jemgyýetde durmuşyň ähli sferalarynda beýleki adamlar bilen özara hereketde girişip ýaşap, ösüp biler. Munuň özi doly suratda syýasata hem ýetmän, eýsem dürli-dürli isleglериň we bähbitleriň esasynda emele gelýän dürli toparlara gatnaşyp hereket edýär. Synplar has ähmiýetli jemgyýetçilik toparlarynyň hataryna girýärler. Şuňa görä, jemgyýetiň durmuş sosial-synpy gurluşyny emele getirýän synplary we gatlaklary syýasatyň iňňän möhüm subýektlerine degişli etmek gerekdir. Olarda öndüriji güýçlerdäki we önümçilik gatnaşyklaryndaky üýtgemeler bilen baglanyşykly düýpli prosesler bolup geçýär.

Önümçiligiň häzirki zaman serişdeleri iňňän täze hasaplaýyş tehnikasynyň, awtomatikasynyň we mehanizasiýasynyň esasynda ösýärler. Olar ýokary derejede bilimli, jogapkärçilikli, guramaçylykly, inisiatiwaly we telekeçi işgärleri toplap edýärler. Bu sypatlar diňe adam bu ýa başga formada hojaýyn – eýe bolan, ýagny ol önümçilik serişdeleriniň eýesi bolup, olardan peýdalanýan we olara ygtyýar edýän wagtynda emele gelýärler.

Şu proses obýektiw prosesdir we ýüzýyllyklaryň dowamynda dünýäniň ähli siwilizlenen ýurtlarynda ylymly – tehniki rewolýusiýanyň – YTR-iň täsiri astynda gyşarnyksyz ösüp geldi. Biziň gurýan ynsanperwer, demokratik jemgyýetimiziň esasynda eýeçiligiň köp dürli formalarynda, özbaşdak haryt öndürijileriň ýaryşyna, şahsy we kollektiwleýin gyzyklanmaga kuwwatly höwes doredýän ösen maliýe sistemasyna esaslanýan bazar ykdysadyýeti durýar.

Şu faktorlaryň täsiri astynda biziň jemgyýetimiziň sosial gurluşynda, işçiler synpynyň, daýhanlaryň we intelligensiýanyň içersinde üýtgemeler we çylşyrymlaşmalar bolup geçýär, täze, bu gün biziň üçin entek onçakly endik bolmadyk toparlar we gatlaklar peýda bolýar. Başga sözler bilen aýdanymyzda, bazar ykdysadyýetiniň sosial bazasy emele gelýär, hemme sferalarda önümçilik serişdeleriniň eýeleriniň roly artýar. Işçiler synpynyň, daýhanlarynyň

dürli gatlaklary, toparlary, otrýadlary işeňňirleýärler. Russiýanyň kömürli regionlarda 1989-91-nji ýyllarda işçiler hereketinde bolup geçen kuwwatly ösüş munuň äşgär şaýadydy. Milletler we halkyýetler jemgyýetde syýasatyň subýektleri bolup durýarlar. Milletiň, onuň medeniýetiniň, diliniň we ş.m-leriň özygtyýarly ösmeginiň meseleleri syýasada möhüm rol oýnayarlar we käte milletiň bu ýa başga gatlaklaryň syýasy işeňňirliginiň ýokarlanmagynyň esasy sebäbi bolýarlar.

Ozalky SSSR-iň dürli regionlarynda soňky ýyllarda bolýan wakalar syýasy durmuşyň otnositel özbaşdak subýektleri hökmünde milletleriň we halkyýetleriň bütin möhümligini ynandyryjylyk bilen tassykladylar. Mundan-da beteri, milli faktorlaryň möhümligine uzak wagtlap kembaha garalyp gelinmegi şu gün biziň jemgyýetimiziň täzelenmegini çylşyrymlaşdyrýan giň mälim gapma-garşylyk proseslere alyp geldi.

Döwlet jemgyýetiň syýasy durmuşynyň iňňän möhüm subýektidir. Döwlet bir wagtyň özünde syýasy işiň subýekti, obýekti we serişdesi bolup syýasatyň subýekti, obýekti we serişdesi bolup çykyş edýär.

Döwleti göreşip almak we hut öz elinde saklamak ugrundaky göreş synplaryň, sosial toparlaryň, gatlaklaryň, milletleriň, partiýalaryň we beýleki guramalaryň syýasy praktikasynyň ägirt uly bölegi bolup durýar. Döwlet häkimýeti arkaly agalyk ediji synplaryň we sosial toparlaryň,dolandyryjy partiýalaryň, hereketleriň bähbitleri durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda kabul edilen täze Konstitusiýasynda: Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwletdir hem-de öz territoriýasynda hökmürowandyr we bütin häkimýete eýedir, içeri we daşary syýasata özbaşdak amala aşyrýar, garaşsyzlygyny we territorial bitewiligini, konstitusion gurluşyny goraýar hem-de kanunyň berjaý edilmegini hem hukuk tertibini üpjün edýär, diýlip görkezilýär.

Döwlet häkimýetini pugtalandyrmak, ony demokratik prinsiplerinde ösdürmek bazar ykdysadyýetinde geçilýän, döwletiň

garaşsyzlygy we özbaşdaklygy real özygtyýarlylyk bilen doldurylýan mahalynda derwaýys talapdyr.

Halk jemgyýetiň syýasy durmuşynyň subýekti bolup öňe çykýar. Halkyň adyndan dürli-dürli programmalar we şygarlar öňe sürülýär, hereketleriň, üýtgetmeleriň we ş.m-leriň zerurlygy onuň bähbitleri bilen düşündirilýär.

Halka garaz bir nesilsiz ýokary mahlugyň sypatlary ýöňkeleýär. Şuňa görä-de, biziň ozal: "Sosialistik jemgyýetde halk ýeke-täk we doly häkimli subýektdir" diýip gelenligimiz tötänden däldir. Iş ýüzünde bolsa, ol ýokary syýasy we ahlak medeniýetli diňe ösen demokratik jemgyýetde şeýle bolup biler. Biz entek ol derejä ösüp ýetemzok.

F.Engelsiň baryp kämillik ýaşynda aşakdakylary ýazandygyny belläp geçmek gerek: "Syýasatda aýgytlaýjy diňe iki güýç: döwletiň guralan güýji, goşun we halk köpçuliginiň guralmadyk, özakymlaýyn güýji bar" (Marks K., Engels F., eserler, 21-nji tom, 446-447-nji sah.) klassygyň tassyklamasyndaky çürt-kesik, taryhda zorlugyň, onuň subýektleri – döwletiň, goşunyň rolunyň apologiýasy (öwmek, goramak) we halk köpçüligine äsgermezlik bilen garamagy özüne ünsi çekýär. Muny biziň häzirki zamanymyz bilen deňeşdirmek kyn, ýöne F. Engelsiň ýazyşy ýaly bolup çykdy.

Halk, syýasatyň subýekti hökmünde, özüniň işinde entek öz syýasy aksiýalaryna hem olaryň netijelerine akyl ýetirip düşünmeklige çenli ösüp ýetenok, şuňa görä-de, akyl ýetirilen bähbitleri aňlatmak we amala aşyrmak hem-de dogry syýasy hereketler etmek ukybyny ele almak üçin entek köp wagt hem tagallalar gerekdir.

Dürli halklaryň birentek sosial we medeni tapawutlary syýasy durmuşa täsir edýärler. Meselem, ýokary dolandyryş işgärlerini taýýarlamak boýunça ekspert, gollandiýaly professor Haýb Wursten aşakdaky parametrleriň: "häkimýetden aralygy", "indiwidualizm", "gümürtiklikden gutulmaga dyrjaşmak" we "jemgyýetiň erkek-aýal hasiýeti" diýen parametrleriň üsti bilen şol täsire baha bermek barada firmalaryň biriniň barlagynyň maglumatlaryny getiripdir. Şu

parametrleriň hemmesi “birhili halkyň kalbyna galyplanan” içki päsgelçilikleri häsýetlendirýär. “Häkimiýetden aralyk”, “kaýyllyk” bilen manydaşdyr; “gümürtiklikden gutulmaga dyrjaşmak”, “töwekgellikden gorkmaklyga” barabardyr. Jemgyýetiň “erkek häsiýeti” wezipeparazlyk üstünliklerine meýillilik, maksat edinmek we oňa ýetmek başarnygy bilen kesgitlenýär, “aýal häsiýeti” bolsa maşgala hakynda, adamlar hakynda aladanyň agdyklyk edýänligi bilen häsýetlendirilýär.

Şu parametrler boýunça biziň jemgyýetimiziň barlygy Russiýada we Ukrainada halkyň tabynlyga meýilliliginiň ägirt uludygyny, inisiatiwa, telekeçilik görkezmäge taýýar däldigini, karar kabul edilýän pursatynda her tüýsli instruksiýalar arkaly özüni howpsyzlandyrmaga dyrjaşmagyň ösendigine, indiwidualizme meýilliligiň uly däldigini, galyberse-de, biziň jemgyyetimiziň açyk aňladylan “aýal häsiýetiniň” bardygyny görkezdi

Watandaş akyldarlaryň şu gün biziň öňümizde açylýan eserleri olaryň birenteginiň syýasatyň subýekti  - obýekti, syýasy subýekt problemasyny işläp taýýarlandyklaryny görkezýär. Meselem, N.A. Berdýaýew 1917-nji ýylyň iýunynda “rus adamsynyň özi özüni dolandyrmalydyr”, häkimýetiň gözbaşy ondan daşarda däl-de, onuň özündedir diýip ýazypdyr.

Diňe erkin adam öz döwletiniň we watanynyň ykbaly üçin jogapkärçiligi öz üstüne ýükleýär. “Diňe özüni, öz pikirlerini we duýgularyny, hut özüniň özakymlylygyny dolandyrmagy öwrenen adamlar başgalary dolandyryp bilerler, tutuş ýurdy dolandyryp bilerler. Diňe öz içinde tertibi ýola goýan, hut öz erk-islegini tertibe salan we ony ýokary maksada ýetiren bütin halkyň eşreti üçin gönükdiren adamlar ýurtda tertibi ýola goýup bilerler”.

Ornaşýan aýanlygynyň we döräp ugraýan demokratiýanyň şertlerinde jemgyýetçilik ösuşiniň uzaga çekmedik wagtynyň dowamynda gulçulyk aňyny, guramaçylyksyzlygy we apparat gurlyşynyň öňunde gorkyny ýeňip geçip bolmaz. Şuňa görä, “azatlyk alan ideologiýalaşdyrylan adam rasionalist däl-de, ýabany bolup çykýar. Subýekt hökmünde ol diňe weýran etmäge we agressiýa taýýar, obýekt hökmünde – ol iň çuň mekirlige boýun egýär”.

Häzirki etapda syýasatda subýektleriň orny özboluşly kesgitlenýär, şunda adam syýasatyň “nurbatjygy” däl-de, hakyky subýekti hökmünde adamyň kemala geliş prosesi ýeňil bolmadyk we ep-esli dowamly proses bolup göz öňüne gelýär.

Gürrüň bu diňe bir syýasatçylar – professionallar hakynda, diňe bir döwlet sistemasynyň işgäri hakynda barman, eýsem ahyrky netijede tutuş jemgyýetiň esasy jana-jan problemalaryny çözýän millionlarça adamlar hakynda barýar.

Şunda ýaşlary, ýaş syýasy liderleri terbiýelemäge, olaryň zehinini, ukyplaryny nazarda tutmaga, olaryň inisiatiwasyny öz wagtynda goldamaga aýratyn üns bermek gerekdir. Syýasatyň hakyky subýektlerini terbiýelemek ähli derejelerde bilimiň, terbiçilik sistemasynyň kämilleşdirmegini hem talap edýär.

Soňky wagtlarda biziň jemgyýetimizde hyjuwlaryň “öte geçmeleri” göze ilýär, “güýç ulanmak tärleri” we syýasy ultimatumlar dili peýdalanylýar. Demokratiýanyň “çagalyk keseli” bar.

Syýasy demokratiýa taýdan ösen daşary ýurtlarda düypli jemgyýetçilik gymmatlyklary barada syýasy ylalaşygyň, agzybirligiň zerurlygyny dolandyryjy partiýanyň we oppozisiýanyň ykrar etmekleriniň şertinde zorluksyz jemgyýetçilik progresiniň mümkindigini şol ýurtlaryň tejribesi görkezýär.

Zorluksyz progres her bir jemgyýetde düýpli gymmatlyklar barada esasyy syýasy güýçleriň arasynda belli bir ylalaşyk bolan mahalynda, sysyasatyň subýektleriniň terbiýesiniň siwilizlenenliginiň ösýän derejesinde mümkindir.

Biziň jemgyýetimiziň geljegi syýasatyň subýektleriniň-de, obýektleriniň-de mundan beýläkde ösüşine we işeňňirleşmegine baglydyr.

## III. Syýasy prosesiň düýpli esaslary.

Häzirki syýasy prosesde, syýasy gatnaşyklar, syýasy kada-kanunlaryň işleýşi, olaryň ykdysady syýasat aňyýete, medeniýete täsiri baradaky meseleler bilen gyzyklanma örän artdy. Syýasat hadysalaryň dürli taraplaryny birikdirýär, emma olaryň hiç birine syrygmaýar. Onuň özüniň hil taýdan aýratynlygy bar. Baryp Platon syýasaty bilelikde ýaşamak sungat hökmünde kesgitläpdir. Häzirkki zaman syýasatyň düýp esaslary içerki we daşarky işlerini çözmek üçin synplaryň, milletleriň we döwletleriň arasyndaky gatnaşyklar bilen baglanyşykly işdir. Syýasy prosesde gatlaklaryň düýpli jemgyýetçilik-ykdysady bähbitleri şöhlelendirýär. Şunuň bilen birlikde syýasy proses belli bir özbaşdaklyga eýedir hem-de ykdysadyýete we jemgyýetiň ýaşaýşynyň beýleki taraplaryna güýçli progressiw ýa-da reaksoin täsir edýär. Öňdebaryjy syýasy işlere kembaha garamak, adatça, özakymlaýyn prosessleriň güýçlenmegine alyp barýar. Onsoňam, munuň tersine, ykdysadyýetiň talaplaryna özgertmezlik etmek, syýasatyň hemme zatdan güýçlidigine ynanmak köplenç eden-etdilikde awantýurizmde ýüze çykýar we syýasy şowsuzlyklara alyp barýar. Hruşöwyň reformalar syýasatynyň şowsyzlyga sezewar bolmagy ýa-da Gorbaçýowyň üýtgedip guramak syýasaty diýileniniň netijeleri muny äşgär tassyklady, olar SSSR-iň ykdysady we syýasy gurluşyny krizise alyp bardy. Syýasy prosesi ykdysadyýete täsiri şu gün durmuş we ykdysady bitertipligi ýeňip geçmek üçin, bu ýa başga guramaçylyk hem dolandyryş formalary seçip almak azatlygy üçin, gatlaklaryň, jemgyýetçilik toparlaryň, milli düzümleriň, jemgyýetiň we şahsyýetiň bähbitlerini sazlaşdyrmak üçin hakyky mümkinçiligi döretmäge ukybynda ýüze çykmalydyr. Häzirki ýagdaýda syýasy prosesde “altyn ortalygy” tapmalydyr, şonda meselä täzeçe çemeleşmek we geçen ýyllaryň tejribesini tankydy analizlemek utgaşar. Şu gün syýasy proses zähmetkeşleri önümçilik serişdeleriniň eýesi etmelidir. Şonda eýelik duýgusy hem tebigy suratda peýda bolar we ony şygyrlaryň kömegi bilen terbiýelemek gerek bolmaz. Bazar gatnaşyklarda hojalyk şertde ol erbet işläp bilmez, bu bolsa birentek ýiti syýasy meseleleri

çözmegiň hem-de jemgyýetçilik adalatlylyk düzgünleriň amala aşyrmagyň esasydyr.

Jemgyýetiň durmuş sferasy syýasat dörediji giň gerimli faktordyr. Jemgyýet toparlaryň, milletleriň we halkyýetleriň, jemgyýetiň we şahsyýetiň jana-jan bähbitlerine galtaşýan ykdysady iş netijeleri hut şu ugurda özüni has güýçli duýdyrýar. Ýurduň we aýry-aýry döwletleriň täze keşbini döreden bu prosesleriň ählisi çylşyrymly we gapma-garşylyklydyr. Adamlarda olar garaýyşlary joşgun we ökünç, buýsanç we keýpi bozuklyk, açyk göwünlik we lapykeçlik döredýär. Şu şertlerde jemgyýetiň köne modelli aňyýeti onuň syýasy we ruhy jebisligini asla üpjün edip bilmez, gaýtam oňa ters gelýärler. Meselä täze çemeleşmeli, jemgyýetiň täze modeli gerek. Şugünki düşünjä görä, şonuň ýaly ugur (model) gedaýlykdaky deňlik, durmuş taýdan biriniň eklenjinde bolmak, ykdysady durmuşy we bütin jemgyýetçilik durmuşyny zabunadministratiw kadalara tabyn etmeklik däldir. Häzirki düşünjede munuň özi şeýle bir jemgyýet bolup, onda eýeçiligiň we hojalygyň ýöretmegiň köp dürliformalary esasynda zähmetkeş adamy önümçiligiň eýesine, ýokary öndürijilikli zähmet çekmäge gyzyklanýan eýä öwrülmek üpjün edlýär, durmuş adalatlylyk we zähmetkeşeriň jemgyýetçilik goragy kepillendirýär. Jemgyýetiň durmuş sferasynda ykdysady sfera barada ikinji bir zat hökmünde garamak bolmaz. Ahyrky netijede ykdysady işiň netijeleri jemgyýetçilik sfera jemlenýär. Adamyň kemala geliş prosesi, has takyk aýdylanda adamlaryň şahsy durmuşynyň, olaryň ýaşaýyş bähbitleriniň emele gelmegi hut durmuş ugurda bolup geçýär. Şuňa görä, jemgyýetçilik we ykdysady ugurlaryň biriniň beýlekisinden ileri tutulmalydygy nukdaý nazardan däl-de, eýsem adamlaryň jemgyýetçilik we indiwidual durmuşynyň biri-birine täsir etmeginiň, olaryň ykdysadyýeti ösdürmek üçin güýçli höwes döredýän isleglerini we bähbitlerini kanagatlandyrmagyň bitewi, gapma-garşylykly maddy prosesi hökmünde garamak gerekdir. Bazar şertlerinde "her kimden ukybyna görä – her kime zähmetine görä" diýen belli düzgüni açmak amala aşyrmak üçin mümkinçilikler açylýar. Bazar ykdysadyýetine geçmek ozaly bilen adamyň bähbitleri bilen şertlenendir we maksady adama nazarlanandyr

ykdysadyýeti hem-de adamyň ukyplaryny ösdürmek we ony ulanmagyň mümkinçilikleri üçin şertleri döretmekden ybaratdyr. Şuňa görä, bazara geçiş döwründe çuň aýlanyşylan, şu jemgyýetiň ýaşaýyş işiniň hemme sferalaryna aralaşýan täze sosial syýasat, durmuş adalatlylyk düzgünlerine esasynda adamlaryň jana-jan bähbitlerini, isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilen ykdysadyýetiň täze nusgasyna laýyk gelýän syýasat gerek. Jemgyýetçilik adalatlylygynyň unwersal häsiýeti jemgyýetiň ykdysady, durmuş-syýasy, ahlak-hukuk düzgünleriň bir ýere jemlenendiklerinden ybaratdyr. Durmuş adalatlylyga adamlaryň bähbitlerini we isleglerini, maksatlaynyň we ideýalarynyň düzgünleşdirýän obýektiw-psihologik mehanizm hökmünde garamak zerurdyr.

Syýasatyň düýpli esaslarynyň hataryna onuň işleýiş mehanizminiň esasyny düzýän demokratizm düzgüni degişli etmek gerekdir. Demokratiýa halkyň häkimiýeti, halk häkimligi diýmekdir. Häzirki syýasy ýägdaýda millionlarça adamlar şu gün trespublikanyň hakyky özygtyýarlygyny, ýerlerde häkimiýetiň ýerli organlarynyň täze hukuklaryny, kärhanalaryň erkin pikirini hem-de jemgyýetçilik birleşikleriniň kanunlaşdyrylan işini we başga-da köp zatlary bilen syýasy reformany amala aşyrmaga iş ýüzünde gatnaşýarlar. Şunuň bilen birlikde syýasatda demokratizm düzgüniň öz-özlüginde häkimiýet hakyndaky meseläni yza süýşirip bilmejekdigini we oňa ýol bermeýändigini belläp geçmek möhümdir. Şu gün häkimiýet hakyndaky mesele aýry-aýrylykda her bir özygtyýarly döwletiň we syýasy durmuşyň hemme derejelerinde syýasy häkimýet ugrunda baglanyşykly barlyşyksyz gazaply göreş barýan wagtynda wakalaryň ösüşi yzyna öwürlek bolup, döwlet agdarylyşygyny geçirjek, häkimiýeti ele aljak bolup uruşýan belli jemgyýetçilik hereketlerini öňünden görmek kyn däldir. Muny 1992-nji ýylyň maýynda Täjigistanda bolan wakalar tassyklaýar. Demokratiýa şu gün özüniň ähli formalarynda we ýüze çykmalarynda bu ýa başga hereketler ýa-da etmişler üçin aýratyn jogapkärçiligi talap edýär. Meselem: köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde käte gahar bilen edilýän işleriň edil hamala demokratiýanyň ýüze çykmagy ýaly edilip

berilýän wagtyndaky ýa-da beýleki tarapdan, köne syýasy guramalaryň daş ýüzini täzelän bolup, olary täze guramalar hökmünde görkezjek bolup synanyşyk edilýän wagtyndaky pozisiýa kabul ederlik däldir. Bu zeýilli tersin hadysalara diňe jemgyýetiň ähli sagdyn güýçleriniň jebisleşmäge garşy durup biler. Häzirki zaman syýasatyň düýpli esaslarynda gumanizm ileri tutulýar.

Mälim bolşy ýaly, gumanizm – humenus diýen latyn sözünden gelip çykmak bilen, ynsanlyk, adamkärçilik manysyny berýär: Gumanizm garaýyşlaryň taryhy taýdan üýtgäp durýan, şahsyýet hökmünde adamyň gymmatyny, onuň azatlyga, bagta, ösmäge we öz ukyplaryny görkezmäge bolan hukugyny ykrar edýän adamyň eşretini durmuş düzgün-kadalara baha bermek ölçegi, deňlik, adalatlylyk, adamkärçilik düzgünleri bolsa adamlaryň arasynda gatnaşyklaryň islenilýän formasy hasap edýän ulgamdyr. Gumanizm hyýallaryň adamyň ýaşaýyş işiniň anyk-taryhy şertlerinde daşarda umuman adam hakyndaky howaýy degirmelere alyp barmaly däldirler. Munuň özi aýratyn-da syýasatyň we gumanizmiň mynasybetine garalan mahalynda möhümdir. Bu mynasybet biziň taryhymyzyň hemme döwürlerinde çylşyrymly we gapma-garşylykly bolupdy, şonda ynsanperwerlik gymmatlyklarynyň özüne ýol açmagy kyndy. Syýasy güýçleriniň hemmesiniň özleriniň işini adamyň eşreti üçin gurmagy niýet ednýändiklerini batly jar edýänliklere garamazdan, muny biziň günlerimizde-de edäýmek aňsat däl. Ynsanperwerlik ideýasy öz mazmuny boýunça umumyadamzat ideýasydyr. Halk döredijiliginde, sungatda, dinde, şonuň ýaly-da hukukda we syýasatda dürli taryhy zamanlarda dürli halklaryň arasynda onuň aňladylmasy belli bir taryhy özboluşlylyga eýe bolupdy. Emma şuňa garamazdan, ynsanperwerlik aňyýetine esasy orun hemişe adam, onuň durmuş düýp esasy, jemgyýetde onuň ýagdaýy hakyndaky mesele degişli bolupdy. Emma şuňa garamazdan, ynsanperwerlik aňyýetine esasy orun hemişe adam, onuň durmuş düýp esasy, jemgyýetde onuň ýagdaýy hakyndaky mesele degişli bolupdy. Şu garaýyşlara hem dürli wagtlarda we zamanalarda genial, zehinli akyldarlar we alymlar pähim edipdirler hem-de olary formulirläpdirler. Ynsanperwer alymlar Erazm

Potterdemskiniň, Tomas Moruň we Tomazo Kemponellanyň, Fransiýanyň we Angliýanyň beýik sosialist-utopistleri Sen-Simonyň, Şarl Furýäniň we Robert Okeniň, Bagt, Azatlyk hakynda ahyrsoňy Paýhasyň, Ýagşylygyň we Wy□danyň dabaralanjak wagty bolan “altyn asyr” hakynda arzuw eden rus rewolýusionerleri mysal bolup biler. Emma azatlygyň we durmuş adalatlygyň dabaralanjak.

## IV.Häzirki zaman syýasy prosesde jemgiýetçilik guramalary, köpçülikleýin we jemgiýetçilik hereketler.

Jemgiýetiň syýasy ulgamynda partiýalar ýaly özünde häkimiýeti eýelemek wezipesini goýmaýan, ýöne oňa garamazdan syýasy ulgama täsir edýän jemgiýetçilik guramalaryna hem görnükli rol degişlidir. Jemgiýetçilik guramalary adatça meýletin başlangyçlarda we ezber alamatlaryň esasynda döredilýär. Raýatlaryň syýasy aktiwliginiň ösmegine, olaryň bähbitleriniň kanagatlandyrylmagyna ýardam edýär. Olar köp halatda döwlet bilen gapma-garşy durmaýarlar, tersine, onuň bilen aragatnaşygyny berkidýärler. Her bir medeniýetleşen, demokratik jemgyýetde ýurduň ilatynyň köpçüligini öz içine alýan jemgiýetçilik — syýasy guramalaryň giň seti bar. Olar kärdeşler arkalaşygy, zähmetkeşleriň asosasiýalary, ýaşlar birleşikleri, ylmy jemgiýetler we başgalardyr. Häzirki zaman köpçülikleýin jemgiýetçilik gurumularynyň, häsiýetli aýratynlygy olaryň adatça, syýasat bilen dogrudan-dogry baglanyşyklydyklaryndan, ýa-da oňa gytaklaýyn täsir edýändiginden ybaratdyr.

Döwlete dürli syýasy toparlaryň özboluşly bähbitlerini göz öňünde tutmaga, döwlete öz syýasatyny işlemäge we durmuşa geçirmäge kömek edýärler. Jemgyýetçilik gurmalarynyň iş metotlary ynandyrmak we terbiýelemekdir. Bu metodlar döwlet organlaryna hem mahsusdyr.

Jemgiýetçilik guramalary mejbur etmegi ulanmaýarlar. Dürli syýasy çäreleri (umumy halk ara alyp maslahatlaşma, referendumlar) taýynlamaklygyna we geçirmegine aktiw gatnaşýarlar.

Jemgiýetçilik guramalaryň hemmesiniň içinde iň ulusy we köpçülikleýini kärdeşler arkalaşygydyr. Olar önümçiligiň ösmegine, alada etmelidirler, zähmetkeşleriň bähbitlerini goramalydyrlar. Olaryň durmuşynyň we iş şertleriniň gowlanmagyny gazanmalydyrlar. Häzirki ýagdaýda barha özleriniň ykdysady funksiýalarynyň syýasy iş bilen utgaşdyrýarlar, özleriniň bar bolan mümkinçiliklerini ulynyp, döwlet işleriniň çözlüşine aktiw gatnaşýarlar. Köp ýurtlarda kärdeşler arkalaşygy syýasy partiýalarň esasy bolandyklary üçin, köp halatda partiýanyň işine gözegçilik

edýärler, seýrke bolmadyk halatda olaryň işini gönükdirýärler. Mysal üçin Şwesiýada kärdeşler arakalaşygy aýratyn pugta bolany üçin, onuň wekilleri hökümetiň agzalary bilen we kärhana guramalary bilen bilelikde döwlet syýahatynyň iň möhüm meseleleri boýunça bilelikde mejlisler geçirýärler. Jemgyýetiň syýasy durmuşyna telekeçiler soýuzy ep-ýesli täsir edýärler. Olaryň içinde ABŞ-nyň senagat eýeleriniň Milli asosasiýasynyň we Söwda palatasyny, Britan senagat konferensiýasyny we Fransuz kärhanaçylary sowetini aýratyn tapawutlandyrmak bolar. Olar iş ýüzünde hemme döwlet organlarynyň işine gözegçilik edýärler.

Jemgiýetiň syýasy durmuşynda buthana barha aktiw rol oýnaýar. Köp ýurtlarda buthananyň döwletden aýratyndygyna garamazdan onuň syýasy işi barha durnukly we netijeli häsiýete eýe bolýar. Buthana dine ynanýanlaryň arasynda abraýynyň barha ýokarlanýandygyna peýdalanyp jemgiýetiň syýasy durmuşyna gytaklaýyn we gös-göni uly täsir edýärler. Dini guramalaryň täsiri musulman ýurtlarynda uly. Polşada hem dini guramalaryň täsiri gaty güýçli. Bu ýerde katolik buthanalary 80-nji ýyllarynda ýurduň syýasy durmuşynyň üýtgemeginde aýratyn rol oýnapdyr. Soňky wagtlarda jemgiýetçilik — syýasy durmuş meýdanyna ökde, durmuş administratiw — territorial we beýleki ölçegler boýunça düzülýän täze guramalar hem herektler çykýarlar. Mysal üçin Russiýa federisiýasynyň teretoriýasynda diňe üýtgedip gurmak başlanandan soňky 5 ýylda 20 müňden köpräk täze jemgyýetçilik-syýasy gurama döredilipdir. Türkmenistanda bolsa mundan 4-5 ýyl ozalky maglumata görä jemgyýetçilik syýasy guramalaryň we birleşmeleriň 74-si hasaba alnypdyr. Aşakdan meýletinlik esasynda düzülýän bu guramalar, degişli şertler bolan mahalynda jemgyýetiň hem döwletiň täze häkimlik gurluşyny pugtalandyrmaga ýardam edýärler.

Biziň günlerimizde we jemgiýetçilik guramalary bilen bir hatarda syýasy durmuşa köpçülikleýin hereketler hem düýpli täsir edýärler. Olar ýokarkylardan tapawutlykda resmileşen däldirler, indiwidual agzalygy ýok, adamlary, özaly bilen umumy bähbitler esasynda jebisleşdirýärler we anyk maksatlary hem wezipeleri

gazanmak üçin döredilýärler, şol maksatlar özgerip, giňelip, görnüşlerini üýtgedip bilýärler.

Halkara häsiýetli demokratik hereketler öň hem bardy. Ýöne häzirki ýaly giň gerim almany, syýasy prosesleri 80-90-nji ýyllardaky ýaly täsir etmändiler. Köpçülikleýin demokratik hereketler çylşyrymly durmuş-syýasy hadysa. Olaryň köpdürli durmuş bazasy, dürli gatnaşyjylary we olaryň öňde goýan dürli maksatlary bar.

Köpçülikleýin demokratik hereketler özüniň öňde goýýan maksady, talaplary boýunça giň ähmiýetli däldirler. Olaryň kä birleri öz öňlerinde kemala gelýän gaýra goýulmasyz meseleleri, milli regional talaplary goýýarlar. Mysal üçin parahatçylygy goramak, töweregimizi gurşap alýan tebigaty goramak ýaly döwrümiziň ähliumumy meselelerini; işsizligi ýok etmek, milli azlyklaryň deňhukuklygy, ýaşaýyşa bolan hukugyny goramak we olaryň töleglerini azaltmak ugranda göreş, azyk önümleriniň ýokary hilliligi ugrunda göreş ýaly umumy milli talaplyry öňe sürýärler.

Köpçülikleýin demokratik hereketler gatnaşýanlaryň maksatlary we wezipeleri: Jemgyýetçilik pikirine täsir etmek, ol ýa-da beýleki mesele boýunça hökümetiň syýasatyna täsir etmek, güýç ulanmazdan ýaşaýan jemgyýetiňi özgertmek.

Demokratik hereketleriň kemala gelmegiň we berkleşmeginiň garşynda olaryň göreşiniň formalary hem usullary özgerýär. Köpçülikleýin manifestasiýalar we mitingler, gol ýygnamak häzir olaryň çykyşynyň düzüm bölegi bolup galýar. Ýöne wagtyň geçmegi bilan çykyşlyryň has guramaçylykly görnüşleriň ähmiýeti artdy: «Parahatçylyk maşlary» (FRT Daniýa, Finlýandiýa). Parahatçylyk we ýaragsyzlanmak ugrundaky hereketleriň günleri (Fransiýa, Italiýa, ABŞ). GFR-nyň kärhanalarynda parahatlyk ugrundaky göreş komitetleri hereket edýärler.

Köpçülikleýin demokratik hereketleriň esasy görnüşleri:

Graždan insiatiwalary. Bu meýletin hereketleriň esasynda ynsanperwerlik prinsipleri ýatýarlar diňe ABŞ-de bu herekete 34 million adam, Beýik Britaniýada, Italiýada, Kanadada, Fransiýada 3 milliondan 5 milliona çenli adam gatnaşýar. Bu hereketler saglygy

saklaýyş, bilim medeniýet, halkara meseleleri sferasynda haýyr-sahabat işleriniň dürli formalaryny ulanýarlar.

Altirnatiw ýaşaýyş obrazy ugrunda hereket. Bu herekete hem ilatyň epäesli bölegi gatnaşýar. Olaryň maksady töweregimizi gurşap alýan hakykatyň kemçiliklerini düzetmek, ösen senagat, jemgiýetiň adama edýän ters täsirlerini ýeňip geçmek. Alternatiw hereketiň ýene öňde goýlan maksatlaryna kommunalarda we ýaşaýyş jaý obşinalarynda önümçilikde zähmeti guramagyň täze görnüşleri bilen utgaşdyrylýan özüňi alyp barmagyň täze görnüşini işlemek ýaly zatlar hem girýär.

Ekologiýa hereketi. Bu hereketiň maksady adamlaryň daş töweregimizi gurşap alýan sredany goramakdan ybaratdyr. Ilkinji ekologik partiýasy 1973-nij ýylda Beýik Britaniýada döredilipdir. Häzir bolsa ýaş deputatlar günbatar ýurtlaryň köp parlamentlerinde hereket edýärler. Halkara ekologik guramalar: Grinpis 17 ýurduň wekillerinden 2,5 million agzaly «Ýeriň gatlary» 34 ýurdyň toparlary, «AUFE» (Tokaýlary goramak boýunça ýaşlar federisiýasy), «Tebigatyň ýaş dostlary» (Günbatar ýewropa partiýalarynda müň töweregi merkezi bar).

Parahatçylyk ugrundaky hereket dünýäniň ähli konsinentlerinden dürli syýasy, filosofiki garaýyşly ilatyň giň gatlaklaryny özüne birleşdirip, dünýäde parahatçylygy saklamak ugrunda çalyşýar. Şonuň üçin-de dünýäde täsirli abraýly gurama öwrüldi. 1980-nji ýyldan bäri hereket edýän bütin dünýä parahatçylyk soweti dünýäniň parahatçylyk söýüji güýçleriniň erkini birleşdirmäýe ýardam edýär. Parahatçylyk hereketine dünýäniň alymlary dünýäniň wraçlary (ýadro urşunyň öňüni almak ugrunda) ýaly hereketler uly goşant goşýarlar. SSSR-iň 1961-nji ýylda Sowet parahatçylyk fondy döredilipdi. Ençeme ýurtlarda mysal üçin: GFR-da, Belgiýada, Gollandiýada, Şwesiýada, Daniýada parahatçylyk ugrunda göreşijileriň hereketi ol ýurtlaryň milli taryhynda iň köpçülikleýin demokratik hereketlere öwrüldiler. 1984-nji ýylyň aýagynda Ýaponiýanyň — 300 şäher, Belgiýanyň — 282, Angliýanyň — 157, Norwegiýanyň — 81, Gollandiýanyň — 71, ABŞ-nyň — 58 şäheri özlerini «Ýadrosyz zona» diýip yglan etdiler.

Aýallar hereketi. Häzirki döwürde demokratik göreşiň dürli ugurlarynyň arasynda aýallaryň deňhukuklylygy ugrundaky hereket tapawutlanýar. Çünki häzirki döwürde aýallaryň roly gutarnyksyz ýokarlanýar. Olar adamzadyň ýarsyndan gowragyny düzýärler. Maddy hem ruhy gymmatlyklaryň 3/1 bölegini düzýärler. BMG 1976-1985-nji ýyllary (Aýallar 10 ýyllygy) diýip yglan etdi. Onuň şygary bolsa «Deňlik, ösüş, parahatçylyk» aýallaryň halkara demokratik federisiýasy yzygiderli demokratik pozisiýany eýeleýär we parahatçylyk milli Garaşsyzlyk, aýallaryň hukuklary we çagalaryň bagty ugrunda diýen işçileriň astynda millionlarçy aýallary özüne birleşdirýär. Häzirki döwürde halkara guramalarynyň roly we ähmiýeti barha ýokarlanýar. Çünki aýry-aýrylykda çözüp bolmaýan wezipeler, kanagatlandyryp bolmaýan silegeri köpdürli halkara, regional syýasy, ykdysady, durmuş guramalaryň, birleşmeleriň, soýuzlaryň döremegine getirdi.

OLARDAN KÄBIRI

BMG — dünýäde parhatçylygy, howpsuzlygy saklamak we berkitmek ugrunda özygtyýarly döwletleriň öz tagallaryny meýletin birleşdirmekleri. 1945-nji ýylda döredi, 185 döwleti özüne birleşdirýär.

Ýunesko — bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça BMG-nyň bir guramasy.

Parlamentara soýuz — 180 döwletiň toparlary girýär.

ÝEES (Ýewropa ykdysady bileleşigi) 1957-nji ýylda döredildi. Ilki ykdysady bileleşik höküminde döresede häzir barha syýasy soýuzy döretmek maksadyna golaýlaşýar.

OBSE (Ýewropada howupsyzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça maslahat). 1975-nji ýylda Helsenki aktynyň gol çekilmegi esasynda döredildi.

NATO (Demirgazyk atlantik şertnamasy) guramasy. 1949-njy ýylda döredi.

Halkara Olimpiýa komiteti (MOK) Halkara Gyzylýarymaý jemgyýeti, MAGATE — atom energetikasy boýunça halkara agentligi.

Bularyň hemmesi dünýä bileleşiginiň häzirki durmuşynda uly rol oýnaýarlar. Şeýlelik-de, köpçülikleýin jemgiýetçilik hereketleri özüniň gerimi, ähmiýeti boýunça halkara masştably ähliumumy, regional häsiýetli, bir ýurduň çäginde milli häsiýeti bolup biler. Şunuň bilen birlikde käbir formal däl guramalarda we hereketlerde ýagdaýy durnuksyzlandyrmaga, adamlaryň janyna we howupsyzlygyna wehim salmaga çalyşýan ekstristik milletçi halkara garşy güçler bilen hereket edýärler. Şuňa görä-de Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 28-nji maddasynda Konstitusion gurluşy zorluk arkaly üýtgetmäge maksat edinýän raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna garşy çykyş edýän uruşy, jyns, milli, durmuşy, dini guramçylygy propogandirleýän, halkyň saglygyna we ahlagyna kast edýän syýasy partiýalaryň beýleki jemgyýetçilik birleşmeleriň döredilmegini hem işini gadagan edýän adalatly talaby bolmagy tötänden däldir.

## V.Häzirki zaman syýasy prosesde syýasy tehnologiýalaryň orny

Syýasy prosesde **Syýasy tehnologiýalaryň** esasy orny bardyr. Syýasy tehnologiýalar diýlenda esasy göz öňünde tutulýan zat, ýagny tehniki tehnologiýasy däl-de, eýsem syýasy taýdan esasy umumy tehnologikdir. Tehnologiýa--bu usuldyr. Diýmek syýasy tenologiýa diýmeklik—bu **syýasy usul** diýmekligi aňladýar. Bu kyn we çylşyrymly düşünjäni aýratyn ugurlary boýunça giňişleýin öwrenilinde, onda onuň esasy uly göwrümli ugurlarynyň biri bolan **saýlawlar** , **sala-salşyklar** we **ses bermeklik** bolup durýar. Ỳagny saýlawlar we sala-salşyklar syýasy tehnologiýanyň içinden göni we dogry geçýän arassa liniýadyr. Bu onuň diňe bir ýeke liniýasydyr. Ỳagny bu diýildigi syýasy tehnologiýanyň başga hem dürli usullarynyň mälim diýildigidir. Indi bolsa saýlawlar barada ýagny olaryň geçirilişi, deputatlaryň saýlanylyşy , saýlawçylaryň ses berişi we beýleki amala asyrylýan işleri barada giňişleýin gürrüň edeliň.

Adamazadyň gadymy institutlarynyň biri saýlaw institutydyr. Saýlawlylygyň belli bir görnüşleri urug, taýpa we tire bölünişigi, Gresiýada we Rimde gul eýeçilik jemgyýetinde saýlaw dowletliligiň esasy ýorelgesi bolupdyr. Feodal jemgyýetçilik gatnaşyklarynda-da esasan hem şäher gatlaklarynyň bähbitleri üçin saýlawlylygyň ähmiýeti örän wajyp bolupdyr. Ösen kapitalistik jemgyýetçilik gatnaşyklarynda we president dolandyryşyň görnüşiniň emele gelmegi bilen saýlaw aýratyn uly mana eýe bolýar.

Häzirki zaman döwletleriniň köpüsinde saýlawlar syýasy jemgyýetçilik durmuşynyň aýrylmaz elementidir. Köplenç olaryň häsiýeti syýasy düzgüniň demokratiýalaşmagyna baglydyr. Wekilçilikli edaralara saýlawlylyk ýörelgelerini çäklendirmegi, esaslandyrylmak saýlaw senzi girizilmegi, ses bermegiň netijeleriniň galplaşdyrylmagy, belli bolşy ýaly häkimligiň amala aşyrylmagynyň awtoritar usulyny aňladýar.

Häzirki zaman demokratiki döwletlerde saýlawa ilatyň islegleriniň esasy görnüşi, esasy konstitusion ýörelgeleriniň biri bolan halkyň öž erkinliginiň durmuşa geçirlişiniň görnüşi hökmünde düşünmek bolar. Saýlawa gatnaşmaklyk kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetiniň, yerli özüni dolandyryş edaralarynyň, saýlaw esasynda wezipä eýe bolan şahsyýetleriň emele gelmegine we işine saýlawçylar tarapyndan gözegçiligi amala aşyrmaklygyna düşünilýär.

Daşary ýurtlarynyň saýlaw hukugy munyň özi, raýatlaryň syýasy hukugyna degişli bolup, wajyp konstitusion hukukdyr.

Saýlawda ýeňijileri yglan etmek, berlen sesleri hasaplap, olary hakyky we hakyky däl diýlip bilinmek, ses bermegiň netijesini kesgitlemek usullary saýlaw ulgamynyň mazmunyny aňladýar.

Döwletiň konstitusiyasy saýlaw hukugynyň esasy ýorelgelerini berkidip, onuň esasy we baş çeşmesidir. Ol saýlaw hukugynyň subýektleriniň çägini, ýagny gurluşynyň başlangyç esaslaryny, raýatlaryň oňa bolan hukugynyň berilmegini we mahrum edilmegini kesgitleýär. Saýlaw hukugynyň meseleleriniň düzgünleşdirlişiniň möçberleri konstitusiýalarda durli görnüşdedir. Birnäçe konstitusiýalarda belli-belli maddalarynda jar edilmegi bilen çäklenip, käbirlerinde saýlaw hakynda ýörüte bölümleri we baplary girizilýär. Kada bolşy ýaly saýlaw hukugynyň kadalaryny jikme-jik düzgünleşdirmekligi ýörüte hukuknamalar bilen amala aşyrylýar. Bulara ses bermegiň tertibi we saýlaw hakynda ýörüte kanunlary, şeýle-de saýlaw bitewi kanunlary bellemek mümkindir. Saýlaw hukugynyň çeşmeleriniň sanawyna kanun çykaryjy edaralaryň palatasynyň reglamentlerini, bu meseleler boýunça döwlet baştutanynyň namalaryny, ýerine ýetiriji edaralaryň kararlaryny we kazyýet edaralarynyň çözgütlerini, ýerli dolandyryş edaralarynyň namalary we beýlekileri görkezmek bolar.

Daşary ýurt konstitusiýa hukugynda aktiw we passiw saýlaw hukuk derejesi tapawutlandyrylýär. Aktiw saýlaw hukugy munuň özi haýsy hem bolsa bir dalaşgäre ses bermekdir. Passiw saýlaw hukugy munuň özi saýlanylyp bilinýän şahsa aýdylýar. Mysal üçin: parlament agzalygyna, president wezipesine, ýerli öž-özüňi dolandyryşedarasyna saýlanylmagy. Şahsyýet aktiw saýlaw hukugy bolup, emma passiw saýlaw hukugy blmany hem biler.

Saýlaw hukugynyň esasy ýorelgeleri şu aşakdaky;ardan ybaratdyr:

**1**.Ähliumumy saýlaw hukugy. Munuň özi ýurduň konstitusiýasynda we kanunlarynda berkidilen tertipde şahsyýetleriň saýlawa gatnaşygy;

**2**.Deň saýlaw hukugy. Bu saýlawcylaryň kanun esasynda saýlawyň netijesine deň derejede täsir edip bilmekligi we kanunyň şertlerine laýyklykda saýlanmak üçin deň hukugynyň bolmagy;

**3.**Göni we gytaklaýyn saýlaw hukugy. Ol saýlawçylar bilen saýlawly wezipesine saýlanylýan dalaşgäriň arasynda başga bir öz erkini bildirýän tarapyň bolmaýandygyny aňladýar. Bu ýagdaýda saýlawçy dalaşgäri göni saýlaýar. Gytaklaýyn saýlawda onuň tersine saýlawçylary saýlamaklyk birnäçe basgançakdan ybatar bolmaklygy mümkin. Onda ilki bilen saýlawçylar ýa-da ýörüte saýlaw edarasy saýlanyp, soňra dalaşgäriň saýlanylmagy, şolaryň ustünden amala aşyrylýar.

4.Gizlin we acyk ses berilmek ýörelgesi. Gizlin ses berlende saylawçy başga bir tarapa äşgär etmezden saýlaw býulletini dolduryp ýa-da birnäçe hasaplaýyş tilsimatlary ulanylyp ses berilýär. Bu düzgün bozulan ýagdaýynda kanun esasynda care görülýär. Açyk ses bermeklik örän seýrek ulanyp, aşaky duzüm birlikleriň wekilçilikli edaralaryna saýlaw geçirilende ulanylýar.

Ỳörüte saýlaw edaralarynyň, döwlet apparatyny wekilleriniň , kazyýet ulgamynyň, syyasy partiýalaryň, saýlawly

wezipä dalaşgärleriň we beýlekileriň taýýarlaýyş we guramaçylyk işleriniň alnyp barylşy köplenç saýlawyň soňky netijesini kesgitleýär. Saýlawy guramaçylykly geçirmeklik ýurtda haysy görnüşli saýlawyň geçirilýändigine belli bir derejede baglydyr. Giňden ýaýran görnüşi nobatdaky saýlawdyr. Ol wezipeli şahsyň ýa-da saýlawly edaranyň möhletiniň geçmegi ýa-da ýörüte bellenilen möhletde geçirilýär.

Nobatdan daşary ýa-da goşmaça saýlawlar hem geçirilip bilinýär. Nobatdan daşary ýa-da möhletinden öň saýlawlar döwlet baştutanynyň namasy bilen parlament möhletden öň dargadylan mahalynda, parlamentar monarhiýada we respublikada geçirilýär. Şeýle saýlawlar hökümetiň parlamentda ynamsyzlyk bildirende , hokümetde çökgünlilik (krizis) ýüze çyanda we beýleki ýagdaýda bolmagy mümkindir.

Saýlawly wekillikli (kollegial) wezipeler we deputatlaryň ýerleri boşanda ýagny, ýogalanda, otstawka çykanda, yarawsyzlygy sebäpli, öz wezipesini berjaý edip bilmedik ýagdaýynda şol ýerleri täzelemek maksady bilen bolekleyin ya-da goşmaçä saýlawlar geçirilýär.

Saýlaw kompaniýasy birnäce döwry öz içine alýar:

--Dalaşgärleri görkezmek we bellige almak;

--Saýlaw okruglaryny we saýlaw üçastoklaryny doretmek;

--Saýlawçylaryň sanawyny düzmek;

--Saýlaw toparlaryny döretmek;

--Saýlawlaryň ön ýanynda geçirilýän wagyz (agitasiýa) we beýlekiler degişlidir.

″Dalaşgärleri resmi görkezmek we bellige almak saýlawy bellemek ″ hakyndaky namada ýa-da ″saýlaw hökmany kanunda″ bellenen möhletden başlaýar. Dalaşgärleri görkezmek we bellige almak tamamalananadan soň, saýlawlaryň ön ýanyndaky geçýän wagyz alyp barmaklyk rugsat edilýär. Dalaşgärler maliýe goldawyny alýarlar . Ol goldaw köp

ýurtlarda döwlet tarapyndan amala aşyrylýar. Deputatlyk montadyna ýa-da sol wezipä bildirilýän talaplara laýyk gelýän **passiw** saýlaw hukugyna eye bolan şahs dalaşgärlige hödürlenýär. Dalaşgärleri dürli görnüşde görkezmek bolar;

**1.** Dalaşgärleriň öz-özüni görkezmek. Emma şonda däp bolşy ýaly, saylawçylaryň belli bir topary käbir ýagdaýlarda hat-da birinin golynyň hem goldanylmgy zerurdyr. Käbir ýurtlarda partiýanyň kadalary bilen görkezilip, onda dalaşgärleri partiýa tarapyndan görkezilen hasaplanýar.

**2.** Syýasy partiyalar tarapyndan dalaşgärler görkezilmek mümkindir. Bu ýagdaýda diňe partiýa tarapyndan dalaşgärler görkezilýär. Partiýa hataryna bellige alanandan soň dalaşgärlige hödurlenilip bilner. Palatada partiýalar üçin kesgitli ýer sany bellenilýär. Mysal üçin : Germaniýada 50 % möcberde, Azerbeýjanda 20 % bellenilipdir.

**3.** Dalaşgärleri gorkezmeklik jemgyýetçilik birleşikleri, saýlawçylary birleşikleri tarapyndan görkezýär.

**4.** Dalaşgärleri gorkezmk saýlawçylaryň ýa-da saýlawçylaryň topary tarapyndan mümkindir. Mysal üçin: Bolgariýada 500 adam , Belgiýada 2 sany , Beýik Britaniýada 10 sany, Germaniyada 200 sany , Niderlandiýada 100 sany.

**5.** Käbir ýurtlarda wekilçilikli edilýänler tarapyndan saýlawcylaryň iş ýerinden görkezilýär.

Käbir döwletlerde dalaşgär bellige alynmak üçin girewini geçirmeli bolýar.

**Saýlaw okrugy**—bu dünýä ýüzünde giňden ýaýran saýlawlar birligidir. Saýlaw okrugy bir ýa-da birnäçe deputatlary saýlamak üçin bellenen çäkleriň ýa-da köpçülikleriň saýlawçylarynyň birleşmesidir. Saylaw okrugynyň sanyny we çägini parlament saýlawlaryna kanun ýa-da hokümet tarapyndan , ýörüte topar tarapyndan , ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda saylanýan bolsa bu edaralaryň namalary tarapyndan kesgitlenilýär.

Wekilçilikli häsiýetine görä, saýlaw okruglary territoriýäl çäk we önümçilikli görnüşe bölünýär. Çäk okrugy esasan 3 sany görnüşe bölünýär.

1)Bir montad—dine bir deputat ýa-da yerli wekilçilikli edara saýlanýär.

2)Köp mantad-- iki we ondan hem köp deputat saýlanmagy mümkin.

3)Umumy döwlet.

Çäk saýlaw okrugyndan ähli deputatlar hasaba alnyp saýlanylmagy mümkin.

**Saýlaw uçastoklary**—bu saylaw okruglary, saýlaw toparlary tarapyndan döreýär. Wagtynda sese bermegi geçirmek we sesleri sanamak üçin saylaw okrugy ýerli saýlaw uçastoklaryna bölýär. Harby bolümlerde , şypahanalarynda we dynç alyş öýlerinde , ýatymlaýyn kesel bejeriş edaralarynda , jenaýat iş ýörediş ýa-da administratiw taýdan mejbur ediş ýa-da ätiýaçlandyryş çäresi ulanylan adamlaryň saklanylýan ýerinde , uzak we barmasy kyn sebitlerde raýatlaryň bolýan ýerlerinde hem saýlaw uçastoklary döredilip olar bolsa özleriniň ýerleşýän ýerindäki saýlaw oruklaryna girýär.

**Saýlaw edaralary**—munuň özi saýlaw toparlarydyr. Latyn Amerika ýurtlarynda **saýlaw tribunal , saýlaw geňeşligi** ″rayat bellige alnyşy″ diyip atlandyrylýär. Saýlaw edaralary saýlawy gurnamklygy we geçirmekligi alyp barýar. Saýlaw kanunyň berjaý dilmegine gözegciligi üpjün edýär, saýlawlaryn netijesini kesgitleýär. Saýlaw edaralary **kazyýet, parlament, hökümet, öz-özüňi dolandyryş edaralary** ýokary saýlaw topary tarapyndan döredilmegi mümkin.

Saýlaw toparlary we beýleki saýlaw edaralary **hemişelik** we saylaw möwsümi tamamalanyança **wagtlaýynça** döreýär. Merkezi saýlaw topary Prezidentiň Permany , parlamrntin , hokümetiň kararay, seyrek ýagdaýlarda ýokary kazyýet bilen doreýän ýagdaýlar bolyar. Umumy kada boýunça saýlawçylaryň sanawyna goşulan ýagdayynda

adamyň ses bermäge hukugy bolýar. Ses bermäge hukuk berýän wagtlaýyn şahadatnamasy bar saýlawçylardyr. Mysal üçin:uzak möhletleýin iş sapar bilen gidýän adamlar saýlawçylaryň goşmaça sanawyna goşulyp, şondan soň saýlaw amala asýrylýar. Mysal üçin: Siriýada saýawçy sanawy bolmaýar. Onda şahsyýeti anyklaýa resminamlaryny görkezen ýagdaýynda saýlawcylaryň ses berendigi barada bellik edilýär. Käbir beýleki döwletlerde saýlawçy öz uly barmagynyň yzyny galdyrýar we ol reňkleni,p bir hepde töweregi saklanýar. Saýlawçylar käbir ýagdaýlarda uzak ýerlere gidýändigi sebäpli, başga saýlaw uçastokda ses bermäge hukuk berýän şahadatnama almaga mümkinçiligi bardyr. Köplenç saýlawa çenli bir hepde galanda saylawça ses bermäge hukuk berilýär.

Saýlaw kompaniýasynda saýlawlaryň ön ýanynda geçirilýän **wagyz** örän uly ähmiýete eýedir. Dalaşgärleri görkezen partiýalara , jemgyyetçilik birleşiklerine, raýatyň toparlaryna öz dalaşgärleini görkezen soň, olaryň tarapyna päsgelçiliksiz wagyz geçirmek hukugy berilýär. Ỳerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary ýygnaklary geçirmek üçin enjamlaşdyrlan jaýlary berýärler. Saýlaw toparlary bolsa, saýlawlaryn öň ýanynda wagyz geçirmek üçin ähli dalaşgärleriň deň derejede habar beriş serişdesinde peýdalanmaga mümkinçilik döredýär. Ähli raýatlar , syýasy partiýalara, jemgyyetçilik guramalaryna dalaşgärleriň syýasy işjeňlikwe şahsy sypatlaryny erkin hem-de hemmetaraplaýyn ara alyp maslahatlaşmak mumkinçiligi şeýle hem ýygnaklarda , metbugatda, telewidniye, radio arkaly dalaşgärleriň tarapyna ýa-da onuň garşysyna wagyz alyp barmak hukugy kepillendirilýär. Dalaşgäriň öz saýlawçylary bilen duşuşyklary, ýygnaklarda hem, saýlawçylar başga amatly görnüşde geçirilýär. Dalaşgärlere deň mümkinçiligi üpjün etmek maksady bilen döwlet wezipeli adamlara, ýerli dolandyryş edaralaryna wagyz etmeklik gadagan edilýär.

Saýlawçylaryň özi saýlaw toparyna gelip we býulleten alyp ses berýär hem-de başga bir adamyň üsti bilen ynanç haty boýunca os islegini beýan edýär. Poçta boýunça ses bermeklik hem mümkindir. Mysal üçin:, Germaniýa, Daniýa, Beýik Britaniýa. Köp ýurtlarda býulleten bilen ses berýärler. Olar **resmi** we **resmi däl** bolýar.

Resmi býulletenle—Döwlet tarapyndan ýasalýär.

Resmi däl býulletenler—Fransiýa, Şwesiýä saýlaw toparlary tarapyndan bellenen gornüşde partiýalar neşir edýär. Käbir ýurtlarda saýlawcylaryň bir bölegi ýorüte saýlaw maşynyny ulanmak bilen ses berýärler. Mysal üçin:Niderlandiýa, Hindistanyň 1/5 bölegi, ABŞ-nyň käbir ştatlary . Ses bermegiň netijesini kesgitlemek üçin ýörute saýlaw ulgamyny ulanýärlar. Ol kanunda ýa-da beýleki kadalarynda, partiyalaryň arasynda **monolotlary** paýlamak we saýlawyň netijesini anyk lamagyn usullaryny berkidýär. Däp bolşy ýaly giňden ýaýran 2 sany saýlaw ulgamy bar:

**1)Wekilçilikli (Proporsional)**—bu ulgamda saýlaw döwründe partiyalaryň gatnaşyklaryny haş aydyňlaşdyrýär. Partiyalarda ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna berlen sesiň sanawyna baglylykda partiyalaryň arasynda ýerleriň proporsional bolünip berilmegini aňladýar. Ol ulgam öz arasynda **kwota** we **pereferensiýa** boýunça ses bermek ulgamyna bölünýär. Ulgamyň bu görnüşi Belgiýa, Italiýa, Gresiýa, Awstriýa we beýleki birnäce döwletlerde ulanylýar.

**2)Mazoritar (fiziki köplük)**-ýagny bu öz arasynda **otnositel, absalýut, ýonekeý köplügi** we **kwalifisirowan köplügi** ulgamynyň görnüşleri bilen tapawutlanýar. Käbir döwletlerde proporsional we mozaritar elementleri özünde utgaşdyrýan **garyşyk** saylaw ulgamy ulanylýa. Şeýle esasda **bundestaga** saylaw geçirmekde ulanylýar.

Garyşyk saýlaw ulgamynda saýlawçylaryň iki sany sesi bolýär.

**Birinji sesi**—belli bir dalaşgäre;

**Ikinji sesi**—şol ýa-da beýleki bir partiýalaryň kesgitleýän dalaşgäriniň umumy doly sanawyny berip, partiýalaryň diňe adyny belleýär.

**I ses**--mozoritar **II ses**—proporsional

Bu ulgam boýunça ýer bölünýär we hasaplanýar. **Mysal üçin**: Aziýada 20 % partiyanyn sanawy bolsa , bir montad okrugy boyunça 80% ýer bölünilip berilýär. Italiýad 25:75, Germaniýada 50:50.

Saýlawlaryň geçirilmegine dürli görnüşde saýlaw toparlary umumy kazyýet, konstitusion ýustisiýanyň edaralarynyň, käbir ýurtlarda administratiw kazyýetiň üsti bilen gözegçiligi amala aşyrýar. Halkara synçylaryň gatnaşmagynda , partiýa wekilleriniň, ses sanalanda metbugat wekilleriniň gatnaşmagynda jemgyyetcilik gozegçiligi hem bolýar.

Mundan başga-da saýlaw ulgamynda **Obsentizm** diýen düşünje hem bardyr. Bu saýlawa gatnaşmazlyk diýen manyny aňladýar. Ỳagny hristian döwletlerinde ybadathana işgärlerine, bilimi (ýokary bilimli), jyns gatnaşyklarynda, ýaşaýan döwletine laýyklykda şol döwletde belli bir ýyl ýaşan bolmaly, ýokary wezipeli adamlara , din ugrundan, kazyýetlerin çözgüdi esasanda, ýas çägi, renkine görä, raýatlygy boýunça şol adamlar saýlamakdan we saýlanmakdan saklanylýar.

Saýlaw hukugy—saýlawyň döremeginden tä bes edýänçä bolýan hereketdir.

Saýlawlar geçirilenden soň saýlanan wekilini ýagny, wezipeli adamlary ýa-da wekilçilikli edaralaryň deputatlaryny yzyna çagyrmak instituty saýlawlaryň gözegçiligi amama aşyrlanda uly ähmiýete eýedir. Kanunda bellenen prosedura boýunça saýlawçylaryň sargytlaryny kanunçylyk esasda düzgünleşdirýär. Saýlawcylaryň ýygnaklarynda kabul edilen ähli islegleri sargyt bolup durmaýar. Sargyt bolmak üçin teklipler ýygnaklarda belli bir tertipde kabul edilip, soňra wekilleri edarań mejlisinde ýerine ýetirmek üçin Kabul edilmeli. Sargydy berjaý etmedik ýagdaýynda eger şol

deputatlaryň işi bagly bolsa , onda ol saýlawçylar tarapyndan yzyna çagyrlyp bilner. Başga bifnäçe sebitler boýunça yzyna çagyrylmagy hem mümkindir:

Deputatlaryň wezipesine gelişmeýän ygtyýarsyz, ynsapsyzlyk günä edende, saýlawçylar deputaty yzyna çagyrýarlar.

Saylawçylaryň belli bir toparynyň ýa-da dalaşgärleri görkezen jemgyyetçilik birleşmesiniň başlangyjy bilen yzyna çagyrmaklyk amala aşyrylýar.

Ses bermeklik saýlawdaky ýaly tertipde geçirilýär. Onda saýlawçy deputaty yzyna çagyrmaga garşymy ýa-da garşy dälmi, haýsy hem bolsa warianty saýlamaly bolýar. Seýregem bolsa, demokratik döwletiň federasiýanyň subýektlerinde we ýerli derejedäki deputatalary saýlawçylaryň yzyna çagyrmak hukugy ulanylýar. Ỳerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryň deputatalaryny (Ỳaponiýa, Hytaý) saýlawly wezipeli adamlary saýlawçylar yzyna çagyrýarlar.

**Referendum**—bu latyn sözi bolup haýsy hem bolsa, möhüm maglumaty habar bermekdir.

**Plebissitum**—bu bolsa halkyň çözgüdi.

**Köpçüligiň pikirini soramak**,

**Ähliumumy ara alyp maslahatlaşmak**.

Bu 4 sany düşünje saýlawçylaryň erkini ýüže çýkarýar. Emma olaryň ulanyş usullary hemişe birmeňzeş däldir.

**Plebissitum**—munuň özi ýurduň territorial çäk, halkara wezipeli şahsa degişli has wajyp meseleleri boýunça, saylawçylaryň ses bermegi bilen çözülmegine aydylýar.

Halkara gatnaşyklarynda bu adalga resmi we resmi däl görnuşler bilen tapawytlandyrylmaýär. Oňa belli bir derejede **referendum** diýip atlandyrylýar.

**Köpçüligiň pikirini soramak**--Ỳurtda ilatyň pikirini ýüze çykarmak üçin ulanylýar. Pikir soraşmak haýsy hem bolsa bir jemgyýetçilik guramasynda , habar beriş serişdesiniň üsti bilen geçirmegi mümkin. Eger şeýle pikir soraşmak döwlet

edaralarynyň üsti bilen geçýän bolsa, onda ol hukuk esasda düzgün we konstitusion hukuk instituty bolup durýar.

Referendum we Plebissitum—aňlatmany bir manyda ulanmagy üçin ″**Ähliumumy ara alyp maslahatlaşmak**″ ýa-da ″**Ählihalk ses bermegi**″ adalgasy ulanylýar. Emma munuň özi hemme adamlaryň ses bermegini aňlatman, diňe oňa ses bermäge hukugy bolan saýlawçylar hakynda aytmak bolar.

Referendum munuň özi saýlawçylaryň ses bermeginden ol ýa-da ýerli dolandyryş häsiýetli bolup, ähliumumy ýa-da ýerli mazmunly bolýär. Bu çözgüdiň kanuny güýji bolýär. Käbir halatlarda bolsa , parlamentin kabul eden kanunyndan ýä-da ýerli öž-özüňi dolandyryş Karardan has ýokary güýji bolýar. Referendum bilen kabul edilen çözgütler adaty kanun esasynda üýtgedip bolmaýar. Referendumy geçirmek üçin kanun belli bir şertleri belleýär. Ỳokary döwlet edaralaryň , parlamentleriň , deputatlarynyň belli bir sanawynyn, kanunda bellenen raýatlaryň sanynyň we beýlekileriň başlangyçlary bilen amala aşyrylýar. Düzgün bolşy ýaly , referenduma saýlawçylaryň kanagatlanarly we inkär ediji pikirini bilmek üçin bir ýa-da birnäçe soraglar girizilýär. Birnäçe alternatiw jogap bermek üçin soraglar hem girizilip bilner. Referenduma býudjet, amnistiýa, kadr meseleleri,, jemgyyetçilik tertibini üpjün etmek boýunça , ilatyň saglygy we howpsuzlygy bilen baglanşykly mselelri adatdan daşary we gaýra goýulmasyz häsiyetli ýörute bilim talap edýär. Salgydy peseltmek, aýlyk haklaryny ýokarlandyrmak ýaly soraglary girizmek we bermek bolmaýar. Şol bir sorag boýunça yzly-yzyna birnäçe gezek referendum geçirilmeýär. Belli bir möhlet gecenden soň , ikinji gezek referendum geçirmäge mümkinçilik berilýär. Mysal üçin: Ispaniýada 3 ýyl, beýleki döwletlerde bolsa 5 ýyl.

**Referendumyň görnüşleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:**

**1.** Umumy döwlet we ýerli referendum—konstitusiýada ýa-da kanunda berkidilýär.

**2.** Hökmany we fakultatiw referendum—munuň özi teklip[ edýän soraglaryň , çözgütlerini referendumyň , şeýle-de beyleki ýollar arkaly kabul edilmegini düşündirýär.

**3.** Konstitusion we adaty referendum—birinji ýagdayda konstitusiýanyň taslamasy ya-da onuň düzetmekligi referendum girýär. Ikinji ýagdayda adaty referendum—konstitusion mazmuny bolmaýan beýlekiler degişlidir.

**4.** Parlamente cenli, Parlamentden soňky, Parlamentden daşky referendum—1)saýlawçylaryň ses bermeginde şol mesele boýunça, ilatyň islegini bilmek üçin parlament kanun kabul edişe geçýär. 2)Parlament kanun kabul edenden soň, referendumda tassyklamak üçin geçirilýär.3)Hacanda Parlament bolmadyk wagtynda ýa-da Parlamentdan daşary referendum esasynda kanun Kabul edilende geçirilýär.

**5.** Tassyklaýjy referendum(Parlamentiň çözgüdini referendum ýoly bilen tassyklaýar.) we ýatyryjy referendum (referendumda ýatyrylýar.)

**6.** Çözüji we maslahat beriji referendum—soňkysynda we saýlawcylaryň isleglerini Parlament kabul edip hem, kabul etmän hem biler.

## VI.Türkmenistanyň syýasy prosesinde saýlaw ulgamy.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 89-njy maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidentinin , Mejlisiň deputatlarynyň agzalarynyň saýlawlary ähliumumy we den saylawlardyr. Turkmenistanyň 18 ýasy dolan rayatlarynyn saýlamaga hukugy bardyr we her saýlawçynyň bir sesi bardyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň , Mejlisiň deputatlarynyň, Halk wekilleriniň, welayat, etrap, şäher halk maslahatlarynyn we Geňeleriň agzalarynyň saýlawlary ähliumumy we göni saýlawlardyr. Saýlawlara kazyýet tarapyndan hukuk kämillik ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar. Beyleki haltlarda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär we kanunçylykda kesgitlenilen jogapkärçilige getirýär.—diýlip Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 89-njy maddasynda bellenilýär.

Saýlawlar gününe cenli 25 ýaşy dolan we soňky 10 ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşaýän Türkmenistanyň raýaty Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna saýlanylyp bilner. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna , Halk maslahatlarynyň we Geňeşleriniň agzalaryna dalaşgärlige bildirilýän talaplar Türkmenistanyň kanunlarynda kesgitlenilýändigi barada Konstitusiýanyň 90-njy maddasynda aydylýär.

Saýlawlar güni saýlawlardyr we saýlanýarlar rayatlar tarapyndan gös-göni saýlanýarlar.

Saýlawlarda ses bermek gizlindir, ses berlende saýlawçylaryň öz erk islegini beýan edişine gözegçilik edilmegine ýol berilmeýär. Dalaşgärleri (saýlanmaga mynasyp adamlary) hödürlemek hukugy Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we saýlaw kanuçylygynyň esasynda syýasy partiýalara, jemgyýetçilik birleşmelerine we raýatlaryň toparlaryna degişlidir hem-de Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýär.

Döwlet we jemgyýetçilik durmuşyna degişli möhüm meseleleri çozmek çözmek üçin ählihalk sala salşygynyň netijesinde Kabul edilen çözgütler diňe salal salşyk arkaly ýatyrylyp ýa-da üýtgedilip bilner.

Öz teklibi boýunçä ýa-da degişli çäkde ýaşaýän saýlawçylaryň azyndan ¼ böleginiň teklip etmegi boýunçä ýerli sala salşyklary geçirmegi bellemek hukugy Geňeşe degişlidir.

Sala salşyklar ähliumymy, deň, göni we gizlin ses bermek arkaly geçirilýär. Sala salşyklara Türkmenistanyň saýlaw hukugyna eýe bolan raýatlary gatnaşýar. Bu barada Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 97-nji maddasynda aýdylyp geçilýär. Saýlawlary, ähli halk we ýerli sala salşyklary geçirmegiň tertibi kanun bilen kesgitlenilýär. Saýlawlar we sala salşyklar adatdan daşary ýagdaý döwründe geçirilmeýär.-diýip, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 98-nji maddasynda bellenilip geçilýär.

Häzirki wagtda kanunçylygy täzelemek we kämilleşdirmek işi dowam edýär. 2000-nji ýylyň 23-nji martynda ýörüte kanun Kabul edilip, täze türkmen döwletini gurmakdaky, berkitmekdäki, berkararlaşdyrmakdaky, döwlet dolandyryş ulgamlaryny ösdürmekdäki we kämilleşdirmekdäki hem-de ýurdumyzyň kanunçylygyny we kanunçylyk namalaryny täze döwrüň şertlerine talaplaryna laýyk döwrebap halda kämilleşdirmekde Türkmenistanyň Prezidentiniň döwlet derejesindäki özgertmelerini kanunçylyk taýdan üpjün etmegiň maksatnamasy tassyklanyldy.

Dünýäniň köp ýurtlarynda halk wekilçiligiň meseleleri iki palatalaýyn parlamentleri döretmek arkaly çözülipdir. **Mysal üçin:** ýokary palata kanun çykaryjy, aşaky palata—wekilçilikli (ştatlardan, ýerlerden, respublikalardan, raonlardan, halkdan wekilçilikden) edarasydyr. Muňa Awstraliýanyň , Germaniýanyň, Kanadanyň ABŞ-nyň , Şweýsariýanyň , Russiýa Federasiýasynyň we käbir beýleki

döwletleriň tejribesi görelde bolup biler. Olaeda iki palatalaýyn duzüm hereket edýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 95-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň bellenen sanynyň azyndan 2/3 böleginiň teklip etmegi ýa-da saýlaw hukukly raýatlaryň azyndan 250 müňüsiniň teklip etmegi boýunça ähli halk sala salşygyny geçirmek baradaky çözgüdi Kabul etmek hukugy Türkmenistanyň Mejlisine degişlidir.

Öz başlangyjy boýunça ýa-da degişli çäkde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan ¼ böleginiň teklip etmegi boýunçä ýerli sala salşyklary geçirmegi bellemek hukugy Geňee degişlidir.—diýlip, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 96-njy maddasynda nygtalyp geçilýär.

2007-nji ýylyň dekabr ayynyň 9-nda welaýat we Aşgabat şäheriniň halk maslahatlaryna, 2008-nji ýylyň 14-nji dekabrynda bolsa Türkmenistanyň Mejlisine deputatalaryň Ählihalk saýlawlary ol halkyň döwlet häkimiýetini amala aşyrmaga gatnaşmagynyň möhüm görnüşleriniň biridir. Welaýät we Aşgabat şäheriniň Halk maslahatlaryna , Türkmenistanyň Mejlisine Deputatlaryň ählihalk saýlawlary— ol halk tarapyndan saýlanylan , halk tarapyndan ynam bildirilen adamlaryň döwlet meselelrini çözmäge ygtyýärlyk berýän kadadyr. Ählihalk saýlawlarynyň halkyň ýeke-täk umumy döwlet erkini berkitmekde ägirt uly ähmiýeti bardyr.

Ählihalk saýlawlarynyň halkyň özbaşdaklygynyň gönüden-göni ýüze çykmasynyň namasy hökmünde saýlaw prosessiniň dowamynda emele gelýän gatnaşyklaryn hukuk kadalaşdyrylmagynyň aýratynlyklary bilen häsiýetlendirilýändir. Saýlawlarynyň ähli stadiýalarynda gatnaşylarynyň subýektleriniň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän agzalyp geçilen gatnaşyklar, olary amala aşyrmagyň esasy taraplary Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilýär, bu bolsa saýlawlaryň netijesinde ýüze çykýan gatnaşyklaryň möhümligi hakynda , demokratiýanyň aýratyn instituty hökmünde olaryň

özbaşdak orny hakynda şaýatlyk amala aşyrýar, halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşydyr. Ol öz häkimiýetiniň gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar.— diýlip bellenilýär. Garaşsyz Türkmenistanyň Konstitusiýasynda bar bolan täzelikleriň baş ugry, türkmen jemgyýetiniň ähli syýasy ulgamynyň ösmeginde we kämilleşmeginde ýagty beýanyny tapan demokratiýanyň giňeldilmeginde we çuňlaşmagyndan ybaratdyr.

2005-nji ýylyň 10-njy noýabrynda Kabul edilen ″Welaýat halk maslahaty hakynda″ we ″Welaýat halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary hakynda″ Türkmenistanyň kanularynyň esasynda geçirilýän hem-de welaýat we Aşgabat şäheriniň halk maslahatlaryna ählihalk saýlawlaryny geçirilmegini kadalaşdyrýan bu hukuk namalary Türkmenistan döwletiniň demokratik esaslarynyň berkidilmeginiň ýolunda täze täsirli ädim bolmalydygyny ykrar edilerliklidir.

Ähliumumy saýlaw hukugy 18 ýäşa ýeten Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlamaga hukugynyň bardygyny aňladýar. Türkmenistanda bellenilen ýaş derejesi (senzi) saýlaw korpusyna syýasy we raýat ýetişikligine ýete ýaşlary goşýar, olaryň döwleti dolandyrmaga işeňňir çekilmegine şert döredýär.

Ähliumumy saýlaw hukugy hakynda ýörelge diňe bir Türkmenistanyň Konstitusiýäsynda jar edilmän , syýasy, ykdysady, guramaçylyk, hukuk kepillikleriniň giň ýaybaňlandyrlan ulgamy bilen üpjün edilýär. Türkmenistanyň rayatlarynyň saýlaw hukuklarynyň milli gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan yerine, jynsyna, belli bir partiýä degişliligine ýa-da degişli däldigine garamzdn göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmek gadagan edilýär.

Kazyýat tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ýkrar edilen raýat;ar, kazyýetiň hökümi boýunçä azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde saklanylýän adamlar, kanunlar tarapyndan bellenilen tertipde öňüni alyş çäresi hökmünde tussaglyk astynda saklamak çäresi ulanylan adamlar

saýlawlara gatnaşmaýandyklary barada ″Welaýat Halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary hakynda″ Türkmenstanyň Kanunynyň 2-nji maddasynda bellenilip geçilýär.

Şeýlelik-de aýry-aýry raýatlar saglyk ýagdaýy ýa-da beýleki sebäplere görä ses berilýän jaýa gelip bilmese, uçastok saýlaw kommisiýäsy olaryň haýyşy boyunça kommisiýanyň käbir agzalaryna şol saýlawçylaryň bolýän ýerinde ses bermegi guramagy tabşyrýär.

″Saýlaw güni öz ýaşaýan ýerinde bolup bilmejek saýlawçynyň (iş saparyna, zähmet rugsadyna gitmegi, kesel bejeriş edarasyna iberilmegi we başga halatlar) welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna sese goýulýan dalaşgärler barada özüniň erk-islegini uçastok saýlaw toparyna ony öňünden beýan etmäge haky bardyr.″--diýlip ″Welaýat Halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary hakynda″ Türkmenistanyn Kanunynyň 39-njy maddasynda nygtalýar.

Saýlawçylaryň sanawy köpçüligiň tanyşmagy üçin goýlan wagtdan başlap, saýlawçy saýlaw uçastogyna getirlen bolsa, onda şony alyp biler. Saýlawçynyň pikirini hasaba alyş kagyzçasy ýa-da saýlaw býulletini saýlawçä saylawçylaryň sanawy esasynda pasportyny ýa-da şahsyýeti tassyklaýän basga resminamalaryny görkezende berilýä, saýlawçy bu barada saýlawçylaryň sanawyna gol çekýar.

Saýlawçynyň öz erkini bildirişine gözegçilik etmegi aradan aýran şertlerinde saýlawçy haýsy dalaşgäre garşy ses berýän berýän bolsa kagyzçadaky ýa-da býulletendäki şol dalaşgäriň familiýasyny üstüni çyzýar. Doldurylan býulleten saýlaw güni öz ýaşaýan ýerinde bolup bilmejek saýlawçylaryň ses bermegi üçin niýetlenen saýlaw gutusyna atylýar. Şeýle guty uçastok saýlaw toparynyň agzalarynyň gatnaşmagynda öňünden möhürlenip goýulýar. Saýlaw güni ses bermäge başlanmazdan ozal, saýlawçynyň pikirini hasaba alyş kagyzçalarynyň peýdalanylmadyklarynyň

ähli̇sini uçastok saýlaw topary sanaýar hem-de ulanylmaz ýaly edýärler.

Saýlaw hukugynyň ähliumumylygy sanatoriýalarda we dynç alyş öýlerinde, stasionar kesel bejeriş guramalarynda, ayratyn we barmasy kyn etraplarda ýerleşýän adamlaryň bolýan yerlerinde saýlaw uçastoklaryny doretmek mümkinçiligi hem üpkün edýär. Saýlaw uçastoklary döredilende ses bermeli yer kesgitlenende degerli edaralar saýlawçylar üçin oňaýly we amatly şertleriň üpjün edilmeginden ugur alýarlar.

Deň saýlaw hukugy Welaýat we Aşgabat şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, Geňeş agzalarynyň saýlawlarynyň her saýlawçynyň bir sesiniň bar bolan deň şertklerinde amala aşyrylýandygyny aňladýär. Saýlawçylaryň saýlawlara deň esasda gatnaşmaklary bolsa saýlawçylaryň hemmesiniň deň agramynyň bardygyny aňladýar. Bularyň barysy ilatyň sanynyň deňligi esasynda saýlawlarda saýlaw okruglarynyň döredilmegi bilen üpjün edilýär. Saýlawlar göni esasda geçirilýär diýmeklik ol dalaşgäre hödürlenýän adamlaryň göni saýlanýandygyny aňladýar.

Saýlawlarda ses bermek gizlin amala aşyrlyp, saýlawçylaryň ses bermegine gözegçilik etmäge ýol berlenok. Saýlawlarda gizlin ses bermek hökmany kepillikler bilen üpjün edilýär. Şeýlelik-de, Türkmenistanyň ″Welaýat we Aşgabat şäheriniň halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary hakyndaky ″ Kanunyň 38-nji maddasyna, ″Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary hakyndaky Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda″ saýlaw býulletini ses berýän adam gizlin ses berilýän aýmançada ýa-da otagda dolduryar. Býulleten doldurlanda şol ýerde ses berýänden başga adamyň bolmagy gadagandyr. Býulletini özbaşdak doldurmaga mümkinçiligi bolmadyk saýlawçy öz islegine görä, saýlaw toparyň agzalaryndan, syýasy partiýalaryň, döwlet edaralarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerinden hem-de welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna , Türkmenistanyň

Mejlisiniň deputatlaryna dalaşgärleriň ynanylýän adanlaryndan, synçylardan başga adamy aýmança ýa-da otaga çagyrmaga haklydyr. Welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputlarynyň saýlawlarynda ses berýän adam dalaşgärleriň haýsylaryna garşy ses berýän adam saýlaw gutusyna atýär.″--diýlip bellenilýär.

Saýlaw býulletenine adyny, familiýasyny, atasynyň adyny, eýeleýän wezipesini, işleýän ýerini, ýaşaýan ýerini görkezmek bilen welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgär hökmünde hasaba alnanlaryň ählisi elipbiý tertibinde ýazylýar.

Welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlanýarlaryň her haýsyna berlen sesleriň sany dalaşgärleriň her biri boýunça ayry-aýrylykda hasaplanylýar. Saýlawcylaryň netijeleri hakyndaky hasabaty Türkmenistanyň Merkezi saýlaw komissiýasy on günden gijä galman metbugat serişdelerinde çap edilýär.

Şeýlelik bilen Türkmenistanyň konstitusiýasyna we ″Welaýat we Aşgabat şäheriniň halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary hakyndaky″, ″Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary hakyndakyy″ Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda Turkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary,, welaýtlaryň, welaýat hukukly şäherleriň çägindäki ýerli halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy bolan welaýat we Aşgabat şäheriniň halk maslahatynyň guramalarynyň düzüminiň saýlawlaryny geçirmegiňişiniň tertibini we prosedurasyny dolandyrmagyň hukuk esaslaryny döredýär.

Döwlet durmuşynyň ähli ugurlaryna degişli gündelik wajyp meseleler, şol sanda, goşmaça iş ýerlerini doretmek, oba hojalygyny dikeltmek, bilim , saglygy goramak, ýaşayyş jaý gurluşygy we social ugurdaky meselelere degişli bolan beýleki meseleler hem dalaşgäriň esasy üns merkezindedir.

Durmuş üpjünciligi, ylym we bilim, saglygy goraýyş, oba hojalygy, ýangyç-energetika toplumy, ulag we aragatnasyk, gurluşyk, oba hojalyk , medeniýet, kanunçylyk, maliye ulgamy we beýleki pudaklar boýunca işleri ösen dünýäniň talaplarynyň derejesinde yola gomak wezipesi öňde goýuldy. Bu ulgamlaryň ählisinde täze döwlet maksatnamalaryny we taslamalaryny üstünlikli ýerine ýetirmäge, şeýlelikde türkmen döwletiniň ykdysady kuwwatyny berkitmäge badakga berildi.

Konstitusion özgertmeleriň çäginde kanunlary durmuşa has çalt ornaşdyrmak maksady bilen, Halk Maslahaty ýaly gurama ýatyryldy hem-de täze Konstitusiýanyň täze redaksiýasy kabul edildi. Biziň esasy Kanunymyzyň özenine kanuncylygyň iň gowy däpleri, ýörelgeleri bellenendir. Bu bolsa, bizin döwletimiziň esaslaryny düzýär hem-de rayatlarymyzyň abadan, bolelin durmuşda ýaşamagyny üpjün edýär. Täze Konstitusiýamyzyň redaksiýasyna laýyklykda ýurdumyzyň taryhynda ilkinji gezek demokratik esaslarda milli parlamentimize uly saýlawlary geçirildi, 125 deputat saýlanyldy.

Hormatly Prezidentimiz “Döwlet adam üçindir” diýip syýasy prosesde durmuş syýasatyny yglan etdi.

## VII Türkmenistanda Beýik Galkynyş eýýamy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda geçen nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynda eden çykyşynda: "Türkmenistanda sowet döwlet we jemgyýet gurulşyşyndan demokratik gurluşa geçiş döwri tamamlanandan soň, onuň ornuna Beýik Galkynyş eýýamy geldi" diýip özbaşdaklyga eýe bolalymyz bäri 18 ýylda geçilen ýoly, ýetilen menzilleri we gazanylan netijeleri aýdyň görkezdi. Şu gysga jümle biziň Garaşsyzlygymyzy we Galkynyş eýýamyny özara baglanşykda açyp görkezmeklige ylmy esas döredýär.

Ondan görnüşi ýaly, Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllary sowet döwlet we jemgyýet gurluşyndan demokratik gurluşa geçiş döwri bolýar. Geçiş döwri, bilşimiz ýaly, köne gatnaşyklaryň we garaýyşlaryň öz ornuny täze gatnaşyklara we garaýyşlara berýän, täze social toparlaryň we gatlaklaryň döreýän döwri bolýar. Ýöne bada-bat täze kemala gelip, şekile girip, durnuklaşyp ýetişenok. Şonuň üçin bu dowre kesgitsizlik, iki manylyk, salgylaryň köpdürliligi häsiýetli bolýar. Geçiş döwri, onda-da onuň başlangyç ýyllary durnuksyzlyk döwri bolýar. Ine şol sebäpli bu döwürde jemgyýeti jebisleşdirmeklik üçin ilaty birleşdirýän milli döwlet gerek bolýar.

Biz 1991-nji ýylyň oktýabr aýynyň 27-sine öz Garaşsyzlygymyzy alyp, täze jemgyýeti döretmeklik işini milli türkmen döwletini esaslandyrmakdan başladyk. Türkmen halky özbaşdak döwlete eýe boldy. Bu döwlet türkmen halkynyň kalbynda beslän isleg-arzuwlarytny, şeýle hem halkyň azatlyk we demokratik döwlet gurluşy baradaky oý-pikirlerini özünde jemledi, halkyň mizemez milli gymmatlyklaryny nazara alyp, onuň öz ykbalyny özbaşdak çözmegine mümkinçilik berdi. Türkmen döwleti şol ýyllar halkyň öz milliligine eýe bolmagyna aýratyn üns berdi. Sebäbi garaşsyz milli döwlet gurluşyň, milli syýasatyň, halkyň durkuny kesgitleýän milli aňyýetiň, milli medeniýetiň bolmasa doly garaşsyz döwlet bolup bolanok. Onuň üçin bolsa her bir adamyň garaşsyzlyga, onuň milli bähbitlerine düşünmekligi, her kimiň öz ykbalyny garaşsyzlyk bilen baglanyşdyryp bilmekligi gerekdi. Şu wajyp işi amal etmeklik üçin şol ýyllarda döwlet gurluşynyň özboluşlygyny

milli gymmatlyklar kesgitledi. Milli gymmatlyklardan ugur alýan türkmen döwleti jemgyýetde başlanan ähli özgerişleriň, şol sanda ykdysady, syýasy we medeni özgerişleriň gözbaşynda durup, täze reallyklardan ugur alyp olara Garaşsyzlyk we özygtyýarlyk bilen baglanşykly häsiýetnama berdi. Şolaryň esasynda garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary jemgyýetiň aň-düşünjesini kemala getirmegiň ýolunda möhüm ädim ädildi.

Şu wajyp özgerişi amal eden döwlet edaralarynyň biri bolan Türkmenistanyň Halk Maslahaty geçiş döwründe örän peýdaly işleri ýerine ýetirdi. Ol jemgyýetiiň abadançylygyny üpjün etmekde we berkitmekde möhüm orun eýeledi. Hormatly Prezidentimiz XXI Halk Maslahatda eden çykyşynda belleýşi şaly: “XX asyryň ahyrlarynda düýbi tutylan täze Türkmen döwletiniň häkimiýet ulgamlary ýaňy döredilip başlanypdy. Şol häkimiýetiň bitewiligini we netijeli özara baglanşygyny üpjün etmek üçin Türkmenistanyň Halk Maslahaty döredilipdi. Şu nukdaýnazardan ol özüniň taryhy wezipesini ýerine ýetirdi”. Şol ýyllar ykdysadyýetde, medeniýetde, ruhyýetde geçen özgerişler türkmen döwletiniň we jemgyýetiniň täze esaslara – bazar ykdysagyýetine, hukuk döwletine, industrial medeniýete geçmekligine gerek bolan şertler döretdi. Netijede türkmen jemgyýeti düýpgöter özgerdi. Eýeçiligiň köpdürliliginiň, demokratik durmuş ýörelgeleriň, täze social toparlaryň we gatlaklaryň ýüze çykmagy, adam hukuklarynyň kepillendirilmegi jemgyýetiň täze hile geçenligini we jemgyýetiň öz esaasynda özgermegine mümkinçilikleriň döränliginui aýdyň görkezdi. Şeýleleikde, jemgyýeti we döwleti düýpgöter özgertmek, Garaşsyzlygmyzyň döreden mümkinçiliklerini doly açmak üçin täze Galkynyş eýýamyna geçmek gerek boldy.

Garaýsyzlygyň ilkinji ýyllarynda demokratik jemgyýetiň esasy tutylanlygy sebäpli, täze Galkynyş eýýamynda jemgyýet öz esasynda özgerip, kesgitsizlikden aýgytlylyga geçilip,öz asyl demokratik aýratynlyklaryny açyp başlaýar. Galkynyş eýýamynda şol esaslarda döreýän mümkinçilikler adamyň döredijilikli zähmeti bilen bagly bolup, döwrüň öňe süren talaplary esasynda adamlaryň täze gymatlyklary, düşünjeleri işläp düzmekleri bilen amal edilýär.

Hormatly Prezidentimiz täze döwürde jemgyýetiň öňünde ýüze çykan mümkinçilikleri häsiýetlendirip: "…täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynyň şertlerinde biz döwlet ösüşiniň täze tapgyryna gadam basdyk. Bu bolsa täzeçe işlemegi, biziň durmuşymyza täzelikleriň girizilmegini talap edýär" diýip belleýär. Diýmek, bu döwürde adamlaryň täzeçiligi görmek we täze gymmatlyklary döretmek ukyplary artmaly. Onuň üçin bolsa, ilki bilen, jemgyýete ornaşdyrylýan täze gymmatlyklaryň zähmete ukyply ilatyň başarnygyny we döredijilik hyjuwlaryny ýüze çykarmaklyga we ösdürmeklige itergi bermekleri gerek. Biziň Konstitusiýamyzyň täze redaksiýasynda şu wezipäni amal etmeklige gerek bolan şertleriň hukuk esaslary döredildi. Şol şertleriň kä biriniň üstinde durup geçeliň. Olaryň birinjisi ýurduň bilim ulgamyny kämilleşdirmek bilen bagly.

Her bir jemgyýetde düýpli özgerişleriň ykbaly adamlaryň akylly-başly hereketleri we olaryň biri-biri bilen girişän gatnaşyklarynyň sazlaşygy esasynda kesgitlenýänligi sebäpli, jemgyýete täze gymmatlyklar ornaşdyrylanda, bir tarapdan, olaryň many-mazmunyny açmak we ikinji tarapdan, şol gymmatlyklaryň içinde milli medeniýetiň özboluşlylygyny we aýratynlygyny saklamak gerek bolýar. Birinji talap ýerine-ýetirilmedik ýagdaýynda özgerişiň göwnejaý geçmezligine, ýagny adatylykdan täzeçilige ýol açmazlygyna, ilkinji amal edilmedik halatynda bolsa özgerişiň milli medeniýetden üzňe düşmegine sebäp döremekligi mümkin. Bu ýerde sazlaşygy gazanmak köp derejede ylym bilim ulgamyna bagly bolýar. Şonuň üçin hormatly Prezidentimiz bu ulgamy kämilleşdirmek işini täze döwrüň esasy meselesi hökmünde öňe sürdi.

Kämil pikirli, sagdyn bedenli ýaş nesli ýetişdirmek, ýaşlaryň giň dünýägaraýyşly bolmaklaryny gazanmak üçin döwrebap ylym-bilim ulgamyny döretmeklik türkmen döwletiniň her günki aladasyna öwrüldi. Ýurt Ýolbaşçysy: "Biz häzir Türkmenistanda milli bilim ulgamynda düýpli özgerişler geçirmäge girişdik. Şol özgerişleriň baş maksady türkmen ýaşlaryna dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk gelýän bilim ulgamyny elýeterli etmekden ybaratdyr" diýip belleýär. Hormatly Prezidentimiziň badalga bermegi bilen bilim ulgamynda

geçýän özgertmeler ýurdumyzda ylmy kämilleşdirmek bilen utgaşyp täze galkynyş eýýamynyň intelektual potensialyny berkitýär.

Ony biz milli Liderimiziň ýolbaşçylygynda ylym-bilim ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeleriň: bilim ulgamyna okatmagyň dünýä standartlarynyň ornaşdyrylmagy, ýaşlaryň bilim almaklyga mümkinçilikleriniň giňeldilmegi, talyplaryň müňlerçesiniň daşary ýurtlara okuwa iberilmegi täze eýýamyň paýhas esasynyň berkemekligi üçin ygtybarly esas döredýänliginde görýäris. Hormatly Prezidentimiz bu işiň geljek ýyllarda-da dowam etdiriljekdigini belläp: „Ýaşlarymyz okuwlaryny tamamlaryndan soň, biziň döwletimiz ajaýyp hünärmenlere eýe bolar. Ýaşlarymyz öz işleri bilen dünýäde öňdebaryjy döwlet hökmünde tanalýan Türkmenistanyň şöhratyny has-da belende göterer“ diýip ynamly aýdýar. Dogrudan hem jemgyýetimizde ýokary ahlakly, pragmatiki pikir ýöredýän döredijilikli adamlaryň köpelmegi biziň ýurdumyzyň ähli ugurlarda hil taýdan täze derejä galmagyna getirer. Ylma bilime esaslanýan döwletiň bolsa beýgeljekligi şübhesiz. Sebäbi bu döwletde döredijilikli zähmet üçin gerek bolan esaslar döreýär.

Täze Galkynyş eýýamynda şeýle döredijiligiň ýüze çykmaklygynyň ýene bir şerti adamlarda ähli zatlara eýeçilik gözi bilen garamak duýgysyny berkitmekde bolýar. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda onuň üçin gerek bolan durmuşy-syýasy esaslar döredildi. Eýeçiligiň täze görnüşleri, şol sanda hususy eýeçilik hem döredi. Galkynyş eýýamynyň aňyýeti häzirki döwürde şol esaslara daýanyp, jemgyýetiň ähli ugurlaryna täsir edip bazar gatnaşyklarynyň içinde adamlryň erkin hereket etmeklerine gerek bolan ýaşaýyş medeniýetini döremeli. Ol medeniýet adamlaryň täze gymmatlyklary özleşdirmeklerine täsir edip, jemgyýetiň içinde täzeliklere öz-özüne ýeterlik gymmatlyk hökmünde garaýan adamlaryň hataryny giňeltmeklige hem-de olaryň jemgyýetde tutýan ornuny berkitmeklige ruhy esas bolup çykyş etmeli. Şonda bu medeniýet, bir tarapdan, milli aňyň esasynda ösen ýurtlaryň ähli ugurlarda toplan tejribesini özleşdirmek we, ikinji tarapdan, täze gymmatlyklara milli äheň bermek wezipesini ýerine ýetirer. Şu wajyp işde eýeçilige bolan täze garaýyşlaryň berkemegi ýurtda geçýän özgerişlere aýratyn

ähmiýetli bolýar. Şonuň üçin bu ýerde dörän täze esaslary görkezmeklige çalşalyň.

Şu maksat bilen Konstitusiýamyzyň täze redaksiýasyna ýüzlensek, onda eýeçilik bilen baglanşykly girizilen täze hukuk kadalary galkynyş eýýamynda syýasy we durmuş-ykdysady meseleleri çözmäge ýardam etjek esaslar bilen bilelikde ösdirilendigine we baýlaşdyrylandygyna göz ýetirýäris. Eger biziň garaýan soragymyz bilen baglanşykly Konstitusiýanyň täze redaksiýasynyň 9-njy maddasyna garasak, onda onuň eýeçiligiň eldegirilmezligini kepillendirilýänligini göreris. Eýeçilik adamyň iň wajyp esbaby we onuň azatlygynyň esasy şerti bolýar. Adamda eýeçilik bolmadyk ýagdaýynda, ol hökmany suratda eýeçiligi bar bolan adamyň ýa-da toparyň täsirine düşýär. Sebäbi eýeçilik adamyň ýaşaýşynyň maddy çeşmesi bolýar. Onda eýeçilik diňe adamyň zada bolan gatnaşygy bolman, eýsem, adamlaryň arasyndaky zat barada gatnaşyk hem bolýar. Şonuň üçin eýeçilik gatnaşyklary: eýeçilik etmegi, maddy serişdeleri ulanmagy, olary dolandyrmagy öz içine alýar.
Täze döwrüň hukuk ulgamy şu gatnaýyklary kämilleşdirip jemgyýetiň hem kämilleşmegine esas döredýär.

Şeýle jemgyýetiň döremekligi üçin bolsa ilki bilen özbaşdak herekete iterýän gymmatlyklara we psihologiýa eýe bolan adamyň taplanmaklygy gerek bolýar.

Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda kabul edilen telekeçilik işi baradaky Türkmenistnyň kanuny şu hili adamlary ýüze çykarmaklyga gerek bolan hukuk esaslaryny döretdi. Şol esaslary ele alyp bazar gatnaşyklarynyň içinde erkin hereket edip bilýän başarjaň adamyň ýetişmekligi üçin wagt gerek boldy. Biziň häzirki galkynýan jemgyýetimizde bu işiň gaýragoýulmasyz meselä öwrülenligi sebäpliu onuň üçin ähli esaslar döredilýär. Bu ýerde diňe ykdysady çäreler ýeterlikli bolmaýar. Esasy alada, hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, „... zähmete ukyply ilatyň başlangyçlarynyyň we döredijilik hyjuwlarynyň ýüze çykarylmagyna we ösdürilmegine gönükdirilmelidir“.

Şonuň üçin ýokarky şertler bilen bir hatarda biziň milletimiziň asyl ýörelgelerinden ugur alýan, işewirlik, täzeçilik we öz-özüňi çäklemeklik barada netijeli oýlanşyga ymtylýan adamlaryň jemgyýetde artmagy hem wajyp. Umuman biziň jemgyýetimiziň özgermegi üçin telekiçilik ruhunyň berkemekligi gerek.

Häzirki döwürde telekeçilige ukyply adamlar jemgyýetde wajyp orna eýe bolýarlar. Bazar gymmatlyklarynyň jemgyýete işewir ornaşdyrylýan wagtynda döwletiň halal ýollar bilen gazanylan eýeçiligiň ähli görnüşlerini goramaklygy biziň ykdysadyýetimizde hususy sektoryň paýynyň artmagyna, telekeçiligiň ösmekligine getirýär. Häzir ýurtda öndürilýän umumy önümiň 40 göterimine golaýy hususy sektora degişli bolýar. Geljekde biziň ykdysadyýetimizde döwlete degişli däl sektoryň paýy has hem artmaly.

Şu ýylyň mart aýynyň 17-sine hususy telekeçiligi ösdürmek bilen bagly meselelere bagyşlanyp geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde eden çykyşynda hormatly Prezidentimiz ýokarda getirilen görkezijiniň entek biziň garaşýanymyzdan pesdigini aýdyp, dünýäniň ähli ýerinde telekeçilik ulgamynyň ykdysadyýetiň mähüm bölegi bolup durýandygyny, ýurtda amala aşyrylýan uly özgertmeleriň esasy hereketlendirijisidigini, şeýle hem döwleti durnukly we yzygiderli ösdürmegiň özboluşly tebigy şertidigini belledi. Şonda Ýurt Ýolbaşçysy ýakyn geljekde ýurtda öndürilýän umumy önümiň 70 göterimine golaýynyň döwlete degişli däl sektorda öndürilmegini gazanmaklygyň gerekligini belledi. Şol uly maslahatda Türkmenistanyň telekeçiler we senagatçylar birleşmesi döredildi. Ýurtda telekeçiligi hemmetaraplaýyn ösdürmek üçin gerek bolan kanunçylyk binýadynyň berkidilmegi, hususy telekeçiler üçin milli manatda we walýutada uzakmöhletleýin ýeňillikli bank karzlarynyň berilmegi bu işiň ilerlemegine esas döredýär.

Konstitusiýamyzyň täze redaksiýasyna şu mesele bilen baglanşykly ýörüte madda girizilen. Şol 10-njy maddada: „Türkmenistan eýeçiligiň hususy, döwlet we gaýry görnüşlerine esaslanýan bazar ykdysaddyýetini gurmaga çalşyp, öz ykdysadyýetini

ösdürýär. Döwlet telekeçiligi höweslendirýär we goldýar, kiçi we orta işewirligiň ösmegine ýardam berýär“ diýip görkezilen. Şu kadanyň esasynda döreýän hukuk giňişliginiň biziň ýurdumyzda telekeçiligiň berkemegine we milli Liderimiz tarapyndan öňe sürülen wezipäniň amal edilmegine esas döredjekligi gümansyz.

Telekeçiligiň, hünärmenligiň, işewirligiň ösmekligi jemgyýetde orta gatlagyň giňelmegine we güýjemegine mümkinçilik açar. Bu gatlaga telekeçiler bilen bir hatarda hünärmenler, iş dolandyryjylar, jemgyýetiň intelektual güýçleriniň wekilleri we jemgyýeti özgeridiji beýleki adamlar girýärler.

Orta gatlagyň häzirki türkmen jemgyýetini özgeridiji döredijilikli güýçleriň jemi bolup çykyş edýänligini we olaryň ählisiniň galkynyş eýýamynda täze hil derejä çykmaklygynyň zerurdygyny göz öňünde tutup Türkmenistanyň Konstitutiýasynyň täze redaksiýasynyň 10-njy maddasynda getirilen „Döwlet telekeçiligi höweslendirýär we goldaýar, kiçi we orta işewirligiň ösmegine ýardam berýär“ diýip biziň ýurdumyzda döredijiliklizähmetiň ösmekligine täze esaslar döredilýär. Bu bolsa biziň jemgyýetimizde döredijilikli orta gatlagyň berkemegine we giňemegine getirer.

Bu bolsa öz gezeginde täze Galkynyş eýýamynda adamlaryň syýasy işewirligini ýokarlandyrmaklyga getirjek Türkmenistanda adalatly we sagdyn raýat jemgyýetiň ösmegine, demokratik, dünýewi, hukuk döwletiniň mundan beýläk hem pugtalanmagyna esas bolar.

Şeýleleikde, ýurdumyzyň kämilleşdirilen Esasy Kanuny döwletiň, jemgyýetiň we şahsyýetiň özara sazlaşykly ösüşine gerek bolan hukuk esaslary döredýär. Geljekde halk häkimiýeti halkymyzyň döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna saýlan wekilleri bilen bir hatarda ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da bähbitleriň umumylygy boýunça döredilen raýat jemgyýetiniň dürli guramalary bilen bileleikde ýerlerde adamlaryň durmuş hal-ýagdaýlaeyny gowylamak bilen baglanşykly gaýragoýmasyz meseleler çözmeklerine täze esaslar dörär.

Biziň jemgyýetimizde şeýle sazlaşygy gazanmaklygyň esasy şerti bolup Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly

Berdimuhamedowyň ýurdy mundan beýläk hem galkyndyrmak we döwrebaplaşdyrmak syýasaty çykyş edýär. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler döwründe türkmen jemgyýetinde täze gymmatlyklara giňden ýol açylýar, adamlaryň döredijiligine päsgelçilik döredýän nogsanlardan aradan aýrylýar. Bu döwrüň esasy aýratynlygy her bir adamyň döredijilikli we netijeli zähmet çekmekligi üçin gerek bolan hukuk we ahlak meýdanynyň döredýänliginde bolýar. Eger olaryň birinjisini milli Liderimiziň ýolbaşçylygynda işläp düzülen we nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy döredýän bolsa, ikinjisini Ýurt Ýolbaşçysynyň öňe süren „Döwlet adam üçindir“ diýen ynsanperwer ýörelgesi döredýär.

Şu ýörelgeleriň her bir türkmen raýatynyň ugrukdyryjy güýjine öwrülmegine hemaýat etmeklik her bir ýolbaşçynyň, işgäriň, onda-da döredijilik işgärleriniň mukaddes borjy bolýar.

## VIII.Galkynyş we türkmen jemgyýetiniň demokratiki özgerişi

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynyň kabul edilmegi, şu uzak bolmadyk syýasy proses oňa girizilen üýtgetmeleriň biziň jemgyýetimiz üçin ne derejede ähmiýetlidigini aýdyň görkezdi. Olarda täze döwrüň reallyklary, döwlet we jemgyýetçilik gurulşynyň ýöregeleri giňişleýin öz beýanyny tapan. Esasy Kanunymyzyň täze redaksiýasy Galkynyş eýýamynyň syýasy-hukuk resminamasy bolup ýurtda gün-günden ýaýbaňlandyrylýan reformalaryň üstünlikli öňe ilerlemeginiň binýady, umuman ýurtda geçýän demokratik özgerişleriň kepilnamasy bolup hyzmat edýär.

Türkmen jemgyýetinde geçýän şu täzeleniş jemgyýeti täze hil derejä çykarýar. Ony her bir türkmen adamsynyň aýdyň bilmekligi gerek. Onuň üçin bolsa ilki bilen jemgyýetde geçýän demokratik özgerişleriň özboluşlylygyna akyl ýetirmeli. Bu işde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynda aýdan bir pikiri örän ähmiýetli. Şonda ýurt Ýolbaşçysy: „Türkmenistanda sowet we jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik gurluşa geçiş döwri tamamlanandan soň, onuň ornuna beýik Galkynyş eýýamy geldi“ diýip belledi. Täze Galkynyş eýýamynyň aýratynlygy bu ýerde, görşümiz ýaly, jemgyýetde demokratik ýörelgeleriň giňden ýaýbaňlanmagy bilen baglanylýar. Demokratiýa biziň döwrümiziň iň täsirli gymmatlyklarynyň biri. Ol jemgyýetiň durmuşynda, we dünýäde gatnaşyklarynda giňden ulanylýan ýörelgele.

Ylmy we ylmy-populýar edebiýatda demokratiýa köplenç syýasy ýa-da syýasy-hukuk nukdaýnazardan derňelýär. Şonda ol halk köpçüligini döwlet häkimiýetini dolandyryjy hökmünde ykrarlaýan döwlet gurluşynyň, syýasy gatnaşyklaryň görnüşi bolýandygyny görkezilýär. Aslynda demokratiýa sözi halk häkimýeti diýen manyny aňladýar. Demokratiýa şu hili beýan edilende, ol çäkli toparyň adyndan döwleti dolandyrýan awtokratiki dolandyrylşa garşy goýulýar.

Umuman, demokratik döwlet gurluşy bu ýerde konstitusiýa we kanunlar tarapyndan berkidilen häkimiýetiň dürli şahalarynyň deňagramlylygyny üpjün edýän bitewi ulgam hökmünde göz öňüne

getirilýär. Şeýle deňagramlylyk Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynda hem doly ykrarlanýar. Onuň 4-nji maddasynda: „Döwlet häkimiýeti häkimiýetleriň bölünşigi ýörelgesine esaslanyp kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýetlerine bölünýär we biri-biri bilen sabyr-takatly işläp, özbaşdak hereket edýärler“ diýip bellenilen. Bu bolsa häkimiýetiň her bir şahasynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäginde hereket edip bitewi ulgamyň aýrylmaz bölekleri bolup çykyş edýändiklerini aňladýar.

Demokratiýany syýasy-hukuk nukdaýnazaryndan düşündirmeklik, görşümiz ýaly, döwlet gurluşyny häsiýetlendirmelik üçin örän ähmiýetli. Şol bir wagtda hem bu ýerde biziň garaýan meselämiz bilen baglanyşykly bir soragyň anyklanmagy gerek bolýar. Demokratik ýörelgeler jemgyýetiň syýasy gurşawyndan daşgary, onuň beýleki gurşawlarynda nähili ýüze çykýarlar? Şu soragy anyklamaklyk üçin ýutrda geçýän özgerişlere ýüzlensek, onda häzirki türkmen jemgyýetde demokratik ýörelgeleriň diňe bir syýasy ýa-da hukuk gurşawynda däl, eýsem, ykdysady, durmuşy, ruhy-medeni gurşawlarda hem ýüze çykýandyklaryny biz görýäris. Mysal üçin, ykdysady meseleleri çözmeklige halk köpçüligi indi diňe bir öz zähmeti bilen döwlet kärhanalarynda däl, eýsem, öz serişdeleri we harajatlary bilen hususy kärhanalaryň üsti bilen hem gatnaşýarlar. Häzirki döwürde ýurtda öndürilýän önümiň umumy möçberiniň ep-esli bölegi hususy kärhanalaryň telekeçileri tarapyndan öndürilýär. Bu gün ykdysadyýetiň hakyky sektorynyň kärhanalarynyň umumy sanynyň 60% hususy bölege degişli bolýar.

Demokratiýa ylmy taýdan derňelende hem şu ýagdaý göz öňünde tutulýar. Şonda demokratiýa jemgyýetiň ýaşaýyş durmuşynyň dürli ugurlaryny we jemgyýetiň ösüşini halkyň gönümel gatnaşmagynda dolandyrmaklygy gurnamaklygyň kesgitli görnüşi bolup çykyş edýänligi bellenilýär. Ösen ýurtlaryň tejribesi durmuşy meseleleri çözmeklige halk köpçüligini işewür gatnaşýandygyny görkezýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy hem jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda demokratik ýörelgeleriň giňden ýaýbaňlanmagy üçin gerek bolan hukuk esaslary döredýär.

Olary giňden açmaklyk häzirki döwrüň gaýragoýulmasyz meselleeriniň biri bolýar.

Geljekde şu işi ýurdumyzda halk häkimiýeti halkymyzyň döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna saýlan wekilleri bilen bir hatarda ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da bähbitleriň umumylygy boýunça döredilen raýat jemgyýetiniň dürli guramalary bilen bileleikde amala aşyrmaklaryna gerekli esaslar Esasy Kanunymyzyň täze redaksiýasynda berkidildi. Şu işde raýatlaryň guramalarynyň işewirligini gazanmaklygyň wajyplygyna ünsi çekip hormatly Prezidentimiz: „Olar obany ösdürmek, ýaşaýjylary suw, gaz, elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmek ýaly zerur meseleleri çözmäge ýardam bermelidir, şeýle hem bu guramalar ilaty iş bilen üpjün etmek, mellek bermek, ýollaryň ýagdaýyny gowylandyrmak, oba ilatynyň bilim, medeniýet derejesini has-da ýokarlandyrmak, ruhy birligini kemala getirmek, sagdyn durmuş ýörelgelerini ösdürmek ýaly meseleler bilen içgin gyzyklanmalydyr“ diýip belleýär. Bu ýerde demokratiki özgeriş adam üçin iň gerekli bolan durmuşy meseleleri çözmek bilen gönümel baglanylýar.

Jemgyýetiň demokratiki ösüşi, şeýlelikde, özara baglanyşykly, ýöne öz möçberi we ýerine ýetirilmeli işleriň amal ediliş wagty bilen biri-birinden tapawutlanýan iki sany: döwletiň demokratik mümkinçiliklerini açmak we jemgyýetiň demokratik mümkinçiliklerini açmak ugurlara bölünýär. Olaryň biri-birinden esasy görkezijiler boýunça tapawutlanýandyklary düşnükli bolsa gerek. Sebäbi birinji esasan syýasy we syýasy-hukuk, ikinji umumysosial we sosial-medeni häsiýete eýe bolýarlar. Bu ýerden görnüşi ýaly, birinji ugur ikinji ugruň bir bölegi bolýär. Şol bir wagtda-da ol jemgyýetiň demokratiki özgerişiniň esasy iteriji güýji bolup çykyş edýar. Döwletiň hukuk kadalary adamlaryň ýuridik dünýägaraýşyny kemala getirip, jemgyýetde düzgün-nyzamy ýola goýýar. Hormatly Prezidentimiziň demokratik gurluş görnüşinde häsiýetlendirýän türkmen jemgyýetiniň häzirki derejesi döwletiň demokratiki özgerişi ugrukdyrmaklygynda ýetilen menzil bolýar.

Birinji ugur Türkmenistanyň Konstitusiýasynda kesgitlenen hukuk döwlet

gurmak, şonuň bilen bir hatarda ýurtda konstitusion düzgüniň, döwlet häkimiýetiniň edaralarynyň, döwlet häkimiýetiniň ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet häkimiýetlerine bölünmeginiň, ýerli häkimiýet edaralaryň we ýerli öz-özüni dolandyryşy sazlaşykly gurmagyň, adam hukuklaryny we azatlyklaryny kanun esasda we hakykat ýüzünde üpjün etmegiň kemala gelişiniň we hereket edişiniň demokratik häsiýetini öz içine alýar.

Ikinji ugur ýokarky çäreler bilen bir hatarda häzirki döwürde çözülýän we indi çözülmeli meseleleri hem öz içine alýar. Bu meseleler biziň garaýan soragmyz bile gönümel bagly bolany sebäpli, olaryň käbiriniň üstinde durup geçeliň. Ilki bilen bu ýerdäki özgerişiň raýat jemgyýetiniň dürli görnüşdäki jemgyýetçilik başlangyçlarynyň ösen görnüşdäki düzümini kemala getirmek bilen baglanyşykly meseledigini bellemeli. Raýatlaryň meýletin birleşmeleri ne derejede jemgyýetçilik durmuşyny gurnamaklyga işewür gatnaşýandygyny ösen ýurtlaryň tejribesi görkezýär. Sözüň hakyky manysynda demokratik jemgyýet ösen raýat jemgyýeti bolýar. Biziň türkmen jemgyýetimiziň hem şeýle derejä galmaklygyna esaslar bar. Halkymyzyň gadymdan gelýän däbi köpçülik tarapyndan amal edilýän il bähbitli işleri ilkinji orunda goýmak bilen bagly. Şu ýerdäki mümkinçilikleri göz öňünde tutup, hormatly Prezidentimiz: „Biz raýat jemgyýetini demokratiýalaşdyrmagyň ýoly bilen ýuwaş-ýuwaşdan hereket etjekdigimiz hakynda yglan etdik“ diýip belleýär. Bu ýerde başlanan işleriň esasynda demokratiki ýörelgeleriň many-mazmunynyň açylmagy ýurtda geçýän özgerişleriň hem maksady, hem-de esasy şerti bolýar.

Demoyratiki jemgyýeti kemala getirmekligiň ýene bir tarapy raýatlaryň demokratik kadalar we nusgalar esasynda pikir ýöretmek we özlerini alyp barmak aýratynlyklary bilen hem bagly. Bu hem adamyň syýasy we hukuk medeniýeti bilen kesgitlenýär. Hormatly Prezidentimiz belent wezipä geçip yglan eden ýurduň ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek baradaky ilkinji permandyr-kararlary hut şu wezipäni amal etmeklik bilen baglanyşykly. Olaryň durmuşa geçirilmegi ne derejede jemgyýetiň özgermegine täsir edýänligini biz

aýdyň görýäris. Adamlaryň ylym-bilim we hünär almaklaryna giňden ýol açyldy. Ýaňy ýakynda kabul edilen Türkmenistanyň bilim hakyndaky we ylmy işgärleriň hukuk ýagdaýlary hakyndaky kanunlar bilim ulgamyny kämulleşdirmek barada kanundyr-permanlar bilen bilelikde bu işi döwrebap amal etmeklik üçin gerek bolan ygtybarly hukuk we ahlak meýdany döredýärler.

Jemgyýetiň demokratiýalaşmagy hukuk we ahlak meseleleri çözmek bilen bir hatarda ösen durmuşy infrastrukturany, köp görnüşli kommunikasiýa düzümini döretmek bilen hem bagly bolýar. Biziň ýurdumyz üçin bu iş has hem ähmiýetli. Türkmen halky gadymy döwürlerden bäri Ýewraziýa giňişliginiň söwda ýollarynda amatly geosyýýasy ýerleşişini peýdalanyp medeniýetleriň we halklaryň ýakynlaşmagyna uly goşant goşup gelen. Biziň döwrümizde bu tejribäni täze tehniki we tehnologiki esaslarda açmaklyga mümkinçilik döredi. Türkmenistan üçin döwrebap kommunikasiýa ulgamynyň döremegi täze Galkynyş eýýamynda bu ýerde geçýän giň möçberli özgerişlere täze esaslary döredýär. Şolaryň açylmagy üçin ýurduň demir, awtomobil, howa we deňiz ýol ulgamlarydöwrebaplaşdyrylýar, täze ýollar gurulýar. Türkmenbaşy-Aşgabat-Farap we Aşgabat-Garagum-Daşowuz awtomobil ýollary, Türkmenistanyň, Eýranyň we Gazagystanyň bilelikdäki tagallalary bilen gurulmaga başlanan Demirgazyk-Günorta demir ýoly, ähli howa ýol menzilleriniň we Türkmenbaşynyň geňiz portunyň durkunyň täzelenmegi ýurtda häzirkizaman önümçilik infrastrukturasynyň döremegine getirýär.

Şonuň bilen bir hatarda Türkmenistanda adamlaryň ösen tehnologiýalara esaslanýan täze goşmaça hyzmatlardan, Internetden, maglumatlar torlaryndan peýdalanmak mümkinçilikleri döreýär. Bu ýerdäki işleriň nähili derejede ähmiýetlidigine sentýabr aýynyň 4-ine geçen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Ýurt Ýolbaşçysynyň öz milli emeli hemramyzy edinmek baradaky meseläniň üstünde işlemek hakyndaky tabşyrygy1 hem şaýatlyk edýär. Şu gün her bir Türkmenistanlynyň häzirkizaman tehnologiýalarynyň üsti bilen Internetiň we aragatnaşygyň ähli

görnüşlerini ulanmaga şertleriň döremegi jemgyýetiň demokratiki özgerişine oňaýly täsir etjekligi gümansyz.

Demokratik jemgyýetiň kemala gelmeklidi üçin esasy şertleriniň biri bolup ýurtda ýokary derejeli ýaşaýyş şertlerini döretmeklige gönükdirilen sosial gorawly ykdysadyýetimiz çykyş edýär. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan bäri döwletiň berýän birsyhly ýardamy  ilata tebigy gazdan, benzinden, suwdan, duzdan we elektrik energiýasyndan mugt peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Adamlaryň ýaşaýyş şertlerini gowylandyrmak üçin Türkmenistanda girew (ipoteka) karzlaryny bermek barada kabul edilen düzgünler dünýäde deňi taýy ýokdur diýsek ýalňyşmarys. Ýurtda şeýle karzlar 30 ýyla çenli möhlet bilen ýylda bary-ýogy bir göterim tölemeklik şertlerinde berilýär.

Adamlaryň durmuş ýagdaýlaryny gowylandyrmak bilen baglanşykly işleriň depgini häzirki döwürde has hem ýokarlanýar. Ony biz „Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgermek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň“ çäklerinde ähli welaýatlarda we etraplarda alynyp barylýan işlerde görýäris. Bu işiň möçberini diňe bir düýpli durky üýtgedilen Balkan  welaýatynyň Esenguly, täzeden gurulan Daşowuz welaýartynyň Ruhubelent we gurulýan Lebap welaýatynyň Döwletli hem-de Mary welaýatynyň Altyn sähra etraplarynda däl, eýsem, bütin ýurtda alynyp barylýan sosial maksatly işler görkezýär. Özi hem bu işleriň gün-günden göwrümi giňelýär. Ýaňy ýakyn ýurdumyzda giňden bellenip geçilen Bilimler we talyp ýaşlar güni paýtagtymyzda we welaýatlarymyzda açylan köpsanly döwrebap orta we ýokary okuw mekdepleriniň, çadalar baglarynyň ajaýyp binalary munuň aýdyň subutnamasydyr. Umuman, bütin ýurtda ilatyň ýokary ýaşaýyş derejesi bilen ösen ýurtlaryň hataryna çykmaklygy maksat edinýän Türkmenistanyň täze ykdysady strategiýasy adamlaryň ynamly we döredijilikli ýaşamaklygyna täze maddy-tehniki esaslary döredýär.

Demokratiýa we demokratiki özgeriş nähili maddy-tehniki esasda gurnalmaly? diýen sorag köpden bäri alymlary we

syýasatçylary gyzyklandyrýar. Biri-birinden tapawutlanýan maddy-tehniki esaslara daýanýan demokratiýanyň dürli nusgalarynyň bolanlygyna taryh şaýatlyk edýär. Soňky döwürde ösen ýurtlarda industrial jemgyýetiň maddy bazasynda demokratiýanyň täze nusgasy kemala geldi.

Şu nukdaýnazardan türkmen jemgyýetinde geçýän özgerişlere garasak, onda hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň ylmy özüne siňdiren tehnologiýalar essynda özgerdilýänligini bellemeli. Onuň köpsanly mysallary bar. Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň durkuny täzelemeklige, mysal üçin, ABŞ-nyň 1 milliard 600 million dollaryndan gowrak maýa goýumlary özleşdirildi. Bu zawod şu gün diňe bir türkmen himiýasynyň däl, eýsem, sebitiň hem öňdebaryjy kärhanasy bolýar. Bu ýerde çykarylýan önümleriň sanawy artýar. Kärhanada taýýarlanýan polipropilen, çalgy ýaglary, ýangyjyň dürli görnüşleri daşary ýurtly sarp edijileriň uly islegine eýe bolýar.

Şu hili mysallar senagatda-da, oba hojalygynda-da az däl. 2005-nji 2008-nji ýyla çenli aralykda senagat infrastrukturasynyň we oba hojalygynyň, durmuş ulgamynyň ösdürilmegine gönükdirilen maýa goýumlarynyň umumy möçberi ABŞ-nyň 16 milliard 97 million dollaryna deň boldy1. Ýokary tehnologiýalary, nanatehnologiýalary, täze ylmy işläp taýýarlamalary, düýpli ylmyň iň soňky gazananlaryny we oýlap tapyş çözgütlerini ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna ornaşdyrmak esasynda industrial ösüşiň täze derejesine galmak hormatly Prezidentimiziň ýurdy döwrebaplaşdyrmak syýasatynyň esasynda alynyp barylýar. Diýmek, türkmen jemgyýeti hem industrial häsiýete eýe bolup demokratiýanyň täze maddy bazasyny döredýär.

Şeýlelikde, türkmen jemgyýetini demokratyýalaşdyrmak onuň taryhynda bolup eçýän iň bir çuňňur we düýpli sosial özgerme bolup çykyş edýär. Garaşsyzlygymyzyň ilinji günlerinden başlanan bu özgeriş täze Galkynyş eýýamynda täze görnüşe we hile eýe boldy. Bu özgerişiň diňe hukuk döwletini kemala getirmek bilen baglamaklyk, onuň manysyny ýöntemleşdirmeklige getirer. Hukuk döwletiniň

özüniň durnuklylygy, täze maddy-tehniki esasa eýe bolan jemgyýetiň syýasy we beýleki gurşawynyň, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynyň demokratyýalaşmagy bilen berkidilen ýagdaýynda has berk we mäkäm bolar.

## IX. Türkmenistanyň syýasy prosesinde Galkynyş we demoktatiki özgeriş.

Türkmen jemgyýetinde düýpli özgerişler geçýär. Gün saýyn jemgyýet öz demokratik güýçlerini açýar, ösüşiň täze hil derejesine çykýar. Her bir türkmen adamsynyň şu beýik özgerişde öz mynasyp ornuny tapmaklygy üçin bu ýerde döreýän täze mümkinçilikleri aýdyň bilmekligi gerek. Onuň üçin bolsa ilki bilen jemgyýetde geçýän demokratik özgerişleriň özboluşlylygyna, biziň häzirki döwrümiziň aýratynlygyna akyl ýetirmeli. Bu işi amal etmeklik üçin Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Konstitusiýamyzyň täze redaksiýasy kabul edilende aýdan bir pähimi örän ähmiýetli. Şonda ýurt Ýolbaşçysy: „Türkmenistanda sowet we jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik gurluşa geçiş döwri tamamlanandan soň, onuň ornuna beýik Galkynyş eýýamy geldi“ diýip belledi. Täze Galkynyş eýýamynyň aýratynlygy bu ýerde, görşümiz ýaly, jemgyýetde demokratik ýörelgeleriň giňden ýaýbaňlanmagy bilen baglanylýar.

Dogrudan hem täze Galkynyş eýýamynda ykdysadyýetde, syýasatda, medeniýetde ylym-bilimde gazanylan üstünlikler has inçe we düýpli meseleleri çözmeklige gerekli esaslary döredýär. Şeýle mümkinçilikleri biz ähli ugurlarada görýäris. Olar örän çuňňur. Şolaryň biri barada gürrüň açyp hormatly Prezidentimiz fewral aýynyň 18-ine geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin maslahatynda eden çykyşynda: „Men şu ýerde biziň jemgyýetimiziň mundan beýläk-de demokratik ýol bilen ösdüriljekdigini aýratyn bellemek isleýärin. Şoňa görä-de, eger isleg bildirip, täze syýasy partiýany döretmek baradaky başlangyjy öňe sürýän bar bolsa, biz ýurdumyzyň Konstitusiýasyna laýyklykda şeýle syýasy partiýany şu ýylyň dowamynda hasaba alyp bileris“ diýip belledi.

Görşümiz ýaly, bu ýerde köppartiýaly jemgyýetiň dörmegi barada gürrüň gozgalýar. Türkmen jemgyýetinde täze partiýalaryň peýda bolmaklygy bilen baglanşykly meseleleriň çözgüdi gözlenilýär. Şol çözgütler gözlenende ilki bilen köppartiýalylygym manysynyň ýöne patiýalaryň sany bilen kesgitlenmeýändigini

bellemeklik gerek. Dogrudan hem „köp patiýa“ nämäni aňladýar? Birden köpmi? Ýa-da näçe köp bolsa şonça gowymy? Eger köppartiýalygyň manysyny şu ýol bilen kesgitlenjek bolunsa, onda ýalňyşylyp, onuň manysyny açyp bilinmezligi mümkin. Bu many bolsa syýasat baradaky ylymda syýasy ulgamda häkimiýete ýeketäk meýillerden azat bolunyp hakyky syýasy bäsdeşligiň döremegi bilen baglanylýar. Syýasy bäsdeşlik jemgyýetde adam toparlarynyň bähbitleriniň biri-birinden tapawutlanmagy bilen ýüze çykýar.

Eger ösen ýurtlaryň tejribesine ýüzlensek, onda partiýalar ilkibaşda milli bähbitleri aňlatmaklyk maksady bilen döredilýärler. Jemgyýetde bähbitleri tapawutlanýan dürli toparlaryň döräp başlamagy bilen partiýalaryň ilkibaşky umumymilli bähbitlere wekilçilik etmek wezipesi üýtgäp, olar toparlary ileri tutmaklygy aňladyjy mehanizme hem öwürýärler. Şonda täze syýasy hakykylygyň ýüze çykyşy hökmünde döreýän partiýalar syýasy bäsdeşligi adamlaryň biri-birine garşy duryan görnüşinden gyzyklanma bildirýän, biri-biri bilen çylşyrymly gatnaýykda we baglanşykda duran toparlaryň özara täsirine öwürýärler.

Bu ýerde bähbitleri sazlaşdyrmak mehanizmi nähili döreýär? Şeýle mehanizm köp ýurtlaryň tejribesine görä demokratiýanyň üsti bilen amal edilýär. Şonda demokratiýanyň örän wajyp we aýrylmaz bölekleri bolup syýasy partiýalar we jemgyýetçilik guramalary çykyş edýärler. Olaryň jemgyýetiň syýasy ulgamynda bitirýän işiniň ähmiýetini biz Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň mysalynda hem görýäris. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinde dörän Türkmenistanyň Demoktatik partiýasy umumy bähbitleri aňlatmaklyk esasynda ähli jemgyýetçilik guramalar, sosial toparlaryň wekilleri bilen umumymilli „Galkynyş“ hereketine birigip jemgyýetde jebisligi we agzybirligi gazanmakda bahasyna ýetip bolmajak işleri amal edýär. Ol jemgyýetiň syýasy ulgamynda örän täsirli güýje öwrüldi.

Türkmen döwletiniň we Türkmenistanyň umumymilli „Galkynyş“ hereketinie girýän Türkmenistanyň Demoktatik partiýasynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň ýadawsyz tagallalary netijesinde biziň jemgyýetimize syýasy durnuklylyk hem-de sosial

gorawlylyk häsiýetli bolýar. Şol bir wagtda hem häzirki döwürde bazar gatnaşktklaryň giňelmegi bilen jemgyýetiň sosial düzümi üýtgeýär. Bu ýerde täze sosial gatlaklar we toparlar döreýärler. Mysal üçin, ykdysady meseleleri çözmeklige halk köpçüligi indi diňe bir öz zähmeti bilen döwlet kärhanalarynda däl, eýsem, öz serişdeleri we harajatlary bilen hususy kärhanalaryň üsti bilen hem gatnaşýarlar. Häzirki döwürde ýurtda öndürilýän önümiň umumy möçberiniň ep-esli bölegi hususy kärhanalaryň telekeçileri tarapyndan öndürilýär. Hormatly Prezidentimiz häzirki döwürde biziň jemgyýetimizde hususy telekeçileriň synpynyň döränligini 1 belleýär. Şonuň ýaly-da häzirki türkmen jemgyýetiň sosial düzümini kesgitleýän başga-da sosial toparlar bar. Şeýle taparlaryň döremegi belli bir derejede öz özboluşlylygy bilen aýratyn häsiýete eýe bolan, ilatyň köp bölegini özünde jemleýän pudaklar bilen bagly. Mysal üçin oba hojalyk pudagy.

Diýmek, biziň jemgyýetimizde şu gatlaklaryň we toparlaryň bähbitlerini döwlet syýasatynda giňişleýin aňlatmaklyga meýil bildirýän partiýalaryň döremegine mümkinçilik bar. Hormatly Prezidentimiz türkmen jemgyýetinde dörejek partiýanyň dürli syýasaty alyp baryp biljekdigini belläp: „Bu partiýa oba hojalyk syýasatyny öňe sürýän agrar partiýa ýa-da haýsy hem bolsa başga bir syýasy partiýa bolup biler“ diýip belleýär.

Aslynda türkmen raýatlarynyň syýasy partiýalary döretmeklik hukuklary Türkmenistanyň Konstitusiýasy esasynda kesgitlenýär. Esasy Kanunymyzyň 30-njy maddasynda: „Raýatlar Konstitusiýanyň we kanunlaryň çäklerinde hereket edýän syýasy partiýalary we gaýry jemgyýetçilik birleşiklerini döretmäge haklydyrlar“ diýip bellenen. Häzirki döwürde şol hukuklary amal etmeklik üçin täze mümkinçilikler döredi. Demokratiýanyň syýasy-hukuk esaslary berkäp, jemgyýetiň ýaşaýyş durmuşynyň dürli ugurlaryny we jemgyýetiň ösüşini halkyň gönümel gatnaşmagynda dolandyrmaklygy gurnamaklyga ýol açylýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy jemgyýetçilik durmuşynyň

ähli ugurlarynda demokratik ýörelgeleriň giňden ýaýbaňlanmagy üçin gerek bolan
hukuk esaslary döredýär.

Bu bolsa demokratik ýörelgeleriň esasynda ýurdy dolandyrmaklyk işine döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralaryna saýlanan wekilleri bilen bir hatarda syýasy partiýalaryň we ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da bähbitleriň umumylygy boýunça döredilen raýat jemgyýetiniň dürli guramalaryň işewür gatnaşmagyna giň ýol açýar. Jemgyýetiň syýasy ulgamynda dörejek partiýa bu ýerde özboluşly orna eýe bolar.

Şeýlelik bilen, hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ýurdumyzda oppozision partiýanyň döremeginiň özi döwletimiziň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda möhüm waka bolar. Täze döredilen partiýa ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna gatnaşmak bilen, Türkmenistanyň Demokratik partiýasy bilen bäsdeşlik esasynda işlär“ . Türkmen jemgyýetiniň syýasy ulgamyndaky syýasy partiýalaryň basdeşliginiň özboluşlylygy diňe bir dünýä tejribesiniň esasynda däl-de, eýsem köp derejede türkmen halkynyň hormatlylyk we sylaşyklylyk ýörelgeleriniň esasynda hem kesgitlener.

Şonda syýasy partialar umumymilli bähbitden ugur alanlarynda hem, belli bir toparyü bähbidinden ugur alanlarynda hem Türkmenistan döwletiniň mundan beýläk hem gülläp ösmekligine, halkymyzy eşretli durmuşda ýaşamaklaryna hyzmat etmeli bolarlar. Ol hem düşnükli. Sebäbi milli Liderimiziň belleýşi ýaly: „...täze dörediljek syýasy partiýalaryň we biziň ählimiziň umumy maksadymyz – döwletimiziň dünýä bileleşiginde mynasyp orny eýelemegi üçin halkymyzyň milli aýratynlyklaryna esaslanyp, ykdysadyýetde, ýaşaýyş durmuş ulgamynda we gumanitar ulgamda ýurdumyzy ösüşiň ýokary sepgitlerine ýetirmek, dünýäde öňdäki hatarlara çykarmak bolmalydyr“ .

Täze dörejek partiýalaryň şu maksatdan ugur almklary köp derejede adamlaryň demokratik kadalar we nusgalar esasynda pikir ýöretmek we özlerini alyp barmak aýratynlyklary bilen hem bagly bolar. Bu bolsa adamyň syýasy we hukuk medeniýeti bilen

kesgitlenýär. Häzirki döwürde şeýle medeniýetiň berkemegi adamlaryň jemgyýetde geçýän demokratik özgerişleriň özboluşlylygyna akyl ýetirmekleri hem-de jemgyýetiň hukuk we ahlak kadalaryndan ugur alyp bu özgerişlere işewür gatnaşmaklyk üçin özlerinde iş başarnygyny we ukyby döretmekleri bilen bagly. Bu ýerde ýüze çykýan meseleleriň çözgütleri bolsa adamlaryň biziň jemgyýetimize ornaşýan bazar ykdysadyýeti, hukuk döwleti, raýat jemgiýeti bilen bagly bolan täze düşünjeleri, täze kesgitlemeleri hem-de täze gymmatlyklary milli mentalitet esasynda işläp düzmeklige başarnygy bolýar.

Şeýlelikde, türkmen jemgyýetininiň syýasy ulgamynda täze partiýalaryň döremegi Garaşsyzlygmyzyň ilinji günlerinden başlanan demokratik özgerişiň täze Galkynyş eýýamynda täze görnüşe we hile eýe bolýandygynyň subutnamasy bolup çykyş eder. Bu bolsa öz gezeginde Türkmenistan döwletiniň mundan beýläk hem beýgelmegine tarap aýgytly hereket bolar.

# EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
11. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat. 2009.
15. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat. 2009.
16. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.

17. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 15-nji fewraly). – Aşgabat, 2009.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatynda Şözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). // Türkmenistan. 2009. 9-njy mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.

25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
28. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden Çykyşy (2008-nji ýylyň 16-njy sentýabry). – Aşgabat, 2008.
29. Turkmenistanyň hemişelik bitaraplygy. Syýasy – hukuk dokumentleriniň ýygyndysy. - Aşgabat, 2005.
30. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
31. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistanyñ ykdysady strategiýasy. Halka daýanyp, halkyñ hatyrasyna”. // Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
32. Türkmenistanyń Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyń Türkmenistanyń Ỳaşulularynyń maslahatynyń mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ỳylyń 14-nji maỳy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maỳ.
33. Пугачев В.П. Основы политологии. М. 1992
34. Политическая Энциклопедия в 2 т. М. 1999
35. Соловьев А.И. Политическая теория, политические технологии. М. 2001.
36. Козер Л. Основы Конфликтологии. СПБ. 1999
37. А.Ю. Мельвиль. Учебник. М. 2008

38. В.П.Пугачев, А.И.Соловьев. Введение в политологию. М. 2001.
39. Мировая политика. Под редакцией С.А. Ланцова. М. 2009.
40. Краткий политический словарь М.1989
41. Каменская Г.В. Политология. М 2004.

## Mazmuny

**Giriş…………………………………………………………..……7-12**
**I.Häzirki zaman syýasy proses…………………………………13-20**
**II.Häzirki zaman syýasatyň subýekti we obýekti……….......21-27**
**III. Syýasy prosesiň düýpli esaslary……………………….....28-32**
**IV.Häzirki zaman syýasy prosesde jemgiýetçilik guramalary, köpçülikleýin we jemgiýetçilik hereketler………………........33-38**
**V.Häzirki zaman syýasy prosesde syýasy tehnologiýalaryň orny……………………………………………………..…….....39-50**
**VI.Türkmenistanyň syýasy prosesinde saýlaw ulgamy….....51-58**
**VII Türkmenistanda Beýik Galkynyş eýýamy……………...59-66**
**VIII.Galkynyş we türkmen jemgyýetiniň demokratiki özgerişi………………………………………………………….67-74**
**IX.Türkmenistanyň syýasy prosesinde Galkynyş we demoktatiki özgeriş…………………………………………………………75-79**
**Edebiýat………………………………………………………..80-83**